**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**M.Hudaýýarow , M.Akyýew**

# “Durmuş geografiýasy we geourbanistika” dersi boýunça

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Aşgabat - 2010**

**OUT 01.08/00-09**

M.Hudaýýarow , M.Akyýew

Durmuş geografiýasy we geourbanistika.Okuw gollanmasy

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

Syn ýazanlar: geografiýa ylymlarynyñ kandidaty A.Magtymow , geografiýa ylymlarynyñ kandidaty G.Hamraýew

2010-njy ýyl. 78 sah

Türkmenistanyñ Bilim ministrligi tarapyndan hödürlendi

Ylmy redaktor: geografiýa ylymlarynyñ kandidaty A.Magtymow

## I. Durmuş geografiýasy we geourbanistika dersiniň maksatlary we wezipeleri.

"Durmuş geografiýasy we geourbanistika" "Ykdysady we durmuş geografiyanyň" bir şahasy duryar. Bu dersiň üsti bilen talyplar durmuş geografiyasynyň taglymat esaslary bilen tanyşlar. Durmuş geografiyasy we geourbanistika durmuş we kdysady kanunlaryň, kanunalaýyklarynyň esasynda ösýar.

Dünyäniň dürli döwletlweinde durmuş gepgrafiyasynyň we geourbanistikanyň ösüşi olaryň ykdysady ösüşi, ilatyň maddy hal-yagdaylary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ykdysady taydan ösen döwletlwrinde durmuş hyzmaty gullugy örän oňat gurnalan. Ykdysady derejesi pes bolan ösyän döwletlerde durmuş hyzmaty gullugyň iň zerur pudaklary işleýärler. Şeylelikde, aýry-aýry döwletlerde we sebitlerde durmuş geografiyasynyň we geourbanistikanyň ösüşi dürlüligine galýär.

Şol sebäpli 1976-njy yylda başlap SSSR-de Ylmy we tehnika baradaky döwlet komitetiniň karary bilen ykdysady geografiyanyň ady üýtgedipdir "Ykdysady we durmuş geografiya" diýip atlandyryldy. Şondan bäri durmuş geografiya alymlar öwrenmwklige uly üns berýärler.

1. Durmuş geografiyasynyň käbir meseleleriniň ykdysady, ekologiki, durmuş, filisofiki, psihologiki we beyleki ylmynyň pudaklary hem öwrenýärler.

Durmuş-geografiki aspektden öwrenilende hojalyk pudaklarynyň ýerleşiş aýratynlaklary, ilatyň ýerleýşişi, ilata hyzmat edilişi, ilatyň maddy hal-yagdayda bilen baglanyşykly medeni, ruhy taýdan ösçş aýratynlyklaryna üns berilyär.

2. Geografiki barlaglarda durmuş meseleleri ilatyň maddy hal-yagdaýynyň ösüşi bilen baglanyşykly öwrenilyär. Yu.G.Sanskinyň kesgitlemegine görä ykdysady meseleler durmuş meseleleri bilen ayratylmaz baglanyşyklydyr. OLary bir-birinden ayyrmak mümkin däl.
3. Durmuş geografiyanyň esasy ugurlary we taglymat, usuluyet meseleleri doly çözülenok. Bu ugurdan köp alymlar işleýärler.

Dünýäniň döwletlerinde ykdysady ösüşlerie görä ilatyň maddy hal yagdaylary yylsaýyn gowulanýar. Şol sebäpli durmuş meselelerini öwrenmekde alymlaryň öňünde şu aşakdaky wezipeler duröarlar:

1. Yurdyň çägindäki dürli durmuş meseleleri çözmek, olaryň emele geliş yagdaýyny öwrenmek.
2. Durmuş yagdaýynyň dürli pudaklarynyň düzümini-bilim, kär, maşgala yagdaýlaryna yerli yagdaýlarynyň edyän

täsiriniň giňişlikler (mikrorayonlar, etraplar) boyunça öwrenmek.

3. Ylatyň durmyuş-ýaşaýyş derejesine şäherler, obalar boyunça häsiyetnama bermek.
4. Ylatyň ýaşaýyş şertlerini durmuş-giňişlik umumylygy, hem-de hojalygyň ösüşi bilen baglanyşykdyr öwrenmek.
5. Ylatyň maddy hal-ýagdaýynyň gowulanysyny we ýakyn geljege çaklama taslamasyny we ýakyn geljege çaklama taslamasyny işläp düzmek yaly wezipeleri çözmek zerur hasaplaöär.

## II. Durmuş geografiýasy we geourbanistika barada ylmy garaýyşlaryň ösüşi.

Durmuş geografiýasynda we geourbanistika degişli meseleleriň öwrenilip başlanmagy kapitalistik hojalyklaryň döremegi bilen baglanyşykly. Kapitalistik hojalyklaryň ösmegi bilen durmuş geografiya degişli ulgamlar ösüp başlayär. Döwletleriň arasynda tkdysady, durmuş gatnaşyklary öňkülerden has gowulanýär. Durmuş geografiyanyň käbir meselelerine degişli ylmy işleri rus alymlarynyň geçiren barlaglarynda görmek bolyar. OLarda ilkinjileriň hatarynda

I.K.Kirilow 1731-nji yylda 2 tomdan ybarat " Цветущее состояние Всероссийского государства, в каковое начал, привел и оставил неизреченными трудами Петр Великий" çap edilen kitaplarynda Russiyanyň şäherlerei we goňşy döwletlwr bilen amala aşyrylan söwda hakda maglumatlar getirilýär.

W.N.Tatişew (1686-1750), 1730-nji ýyllarda " Предложение о сочинении истории и географии Российской " düzen maksatnamasynda (programma) Russiyanyň administratiw birlikleriniň ilaty we onuň ýaşaýyş şertleri hakda maglumat bar. Soňra,1758-nji ýylda başlap M.W.Lomonosow (1711-1765) Russiya akademiyasynyň Geografiya departamentiniň başlygy bolup işlän dşwründe yörüteleşdirilen we anyk anketalarda düzülen soraglaryň arasynda durmrş geografiyasyna we geourbanistika degişli maglumatlar gabat gelyörler.

1762-nji ýylda P.I.Ryçkow (1712-1777) " Топография Оренбургская, то есть обстоятельное описание Оренбургской губернии" işinde şol guberniyanyň we Dg-Gb Gazagystanyň ilaty hakda yazypdyr.

A.N.Radişew (1749-1802) Russiyada geografiya ylymynyň ösmegine uly goşant goşandylar biri hasaplanýär. Onuň 1790-njy ýylda çap edilen " Путешествие из

Петербурга в Москву"  işinde şol aralykda ýaşayan ilatyň sosial durmuşy hakda hakyky yazgular bolanlygy sebäpli onuň kitaby Imperatrisa Yekaterina II tarapyndan gadagan edilyär. Radişewe "Gozgolaňçy" (buntowşik) diyip atlandyrylyp oňa ölüm jezasy berlip, Sibira sürgün bilen çalşylyär.

Russiyada ykdysady geografiyanyň ösmeginde I.F.Germany (1755-1815) we A.K.Storhy (1766-1835) biteren iöler az däl.

1790-njy ýylda I.F.Germanyň nemes dilinde " Statistiçeskoye izobrajeniye Riosii w otnoşenii naseleniya, swoystw zemli, yestestwennyh produktow selskogo hozyaystwa, gornogo dela, manufaktur i torgowli " diyen işi çap edilyar. Bu işinde Ural, Sibir we  olaryň ilaty şäherleri barada maglumatlar beripdir.

A.Ş.Ştor 1795-nji ýylda "Statistiçeskiy obzor naibolee dostoprimeçatelnyh kulturnyh otnoşeniy w namastniçestwah gosudarstwa Rossiyskogo w tablisah " işi çap edilyär. Onda russiyanyň ilatyna we hojalygyna ýazgy berilyöär.

K.I.Arsenyew (1789-1865) Germanyň okuwçysy we döwürdeşi N.N.Baranskiniň yazmagyna görä ykdysady geografiyanyň rayonlaşdyrmak ugrundan köp iş eden alym hasaplayar. Onuň 1818-nji ýylda "Краткая всеобщая география" okuw kitaby 20 gezek çap edilip 3- ýylyň dowamynda ulanylypdur.

P.P.Semenow-Tyan-Sanskiy (1827-1914) ýyllarda ol 1873 -nji yyldan tä soňky gönlerine çenli Russiya Imperator geografiya jemgiyetiniň wise-prezidenti bolup işleyär. Onuň ýolbaşçylygynda N.N.Mihluko-Maklayyň, N.M.Prejewalskiniň,P.A.Kropotkiniň,W.L.Komarowyň ekspedisiyalaryny gurayar. 1871-nji ýylda P.P.Semenow-Tyan-Şanskiniň ýolbaşçylygynda Russiyanyň ilaty barada "" diyan ylmy işleri çykyär.

## III. Durmuş geografiýanyň we geourbanistikanyň önümçilige ilaty ýerleşdirmäge edyan täsiri.

Dünýäniň her bir döwleti özüniň ykdysadyyetini, medeniyetini ösdürmek üçin dürli meselelri çözmeli bolyar. Şolaryň içinde esasy meselelerden biri döwletiniň ykdysady, medeni, ruhy, harby, syyasy kuwwatlygyny ýokary götermek bolup duryar. Şonuň ýalyda artyan ilatyny iş yerleri bilen üpjün etmek, daryň maddy-hal yagdaylaryny gowulandyrmak, Yaşaýyş durmuşy bilen baglanyşykly meseleleri, çözmek esasy hasaplayar.

Umuman dünyäniň ähli döwletlerinde hojalyk iki topara bölünyär. Olaryň biri maddy önümçilik, beylekisi önüm öndürmeýän, ilata hyzmat edyan gulluk. Bu toparlar aýry hem

bolsalar biri-birine güýçli täsir edyärler.Islendik kärhanalarda önüm öndürileni bilen iş gutarmayar. Öndürilen önümi sarp edijä gowşurmaklyk işiň gutarnykly başlangyjy hasaplayär. Ony, harydy öndürilen däl-de, gulluk toplumynda işlýän işgärler amala asyryarlar. Hyzmat- bu zähmetiň ayratyň isleg bildiryan gymmaty, ol haryt ya-da zat hökmünde kabul edilmän, eysem yerineetirilen iş hökmünde kabul edilyär.




| Sebitler | Ilaty (2005) | Ilatyň artyşy (2005) | Ilaty (2050) |
|---|---|---|---|
| Afrika | 906 000 000 | 2,1 % | 1 937 000 000 |
| Aziýa | 3 905 000 000 | 1,2 % | 5 217 000 000 |
| Ýewropa | 728 000 000 | 0.00% | 653 000 000 |
| Latyn Amerikasy | 561 000 000 | 1,4% | 782 000 000 |
| Demirgazyk Amerika | 330 000 000 | 0,9% | 438 000 000 |
| Awstraliýa we Okeaniýa | 33 000 000 | 1,2% | 48 000 000 |
| **DÜNÝÄ** | **6 464 000 000** | **1,2%** | **9 075 000 000** |

| Döwletler | Ilaty (2005) | Ilatyň artyşy (2005) | Ilaty (2050) |
|---|---|---|---|
| Hytaý | 1 316 000 000 | 0,6 % | 1 392 000 000 |
| Hindistan | 1 103 000 000 | 1,5 % | 1 593 000 000 |
| ABŞ | 298 000 000 | 0,9 % | 395 000 000 |
| Indoneziýa | 223 000 000 | 1,2 % | 285 000 000 |
| Braziliýa | 186 000 000 | 1,3 % | 253 000 000 |
| Pakistan | 158 000 000 | 2,1 % | 304 000 000 |
| Russiýa | 143 000 000 | - 0,5 % | 111 000 000 |
| Bangladeş | 142 000 000 | 1,8 % | 243 000 000 |
| Nigeriýa | 132 000 000 | 2,2 % | 258 000 000 |
| Ýaponiýa | 128 000 000 | 0,1 % | 112 000 000 |
| Meksika | 107 000 000 | 1,2 % | 139 000 000 |

## IV. Hyzmat ediş kärhanalaryň ösūş kanunalaýyklygy.

Durmuş hyzmaty gullugyň dūzūmi we olaryň ähmiýeti ýerine ýetirýän işleri (funksiýalary) bilen kesgitlenilýär. Ol kärhanalaryň içinde maddy önūmçilik bilen meşgullanýanlary hem bar. Hyzmat edýän gullugyň kärhanalarynyň içinde önūm öndūrýän pudaklary hem bar. Olara geýim tikmeklik we olary remont etmeklik, aýakgap tikmeklik, hojalyga degişli zatlary bejermek, öýlerde, umuman hojalykda ulanylýan tehnikany, hususy awtomasyndan bejerýän, öýleri remont edip berýän pudaklar degişlidir. Şol bir wagtyň özūnde bu kärhanalar iki sany uly işi ýerine ýetirýärler.

1. Ykdysady (ýa-da önūmçilik) iş - bu döwletiň çäginda zähmet öndūrujiligiň ýokarlanmagyna we ýerlerde jemgyýetçilik önūmçiliginiň endigan ýerleşmegine ýardam edýär.

2. Sosial, ýa-da ilatyň durmuşy ūçin gowy tarapy adamlaryň şahsyýetiň ösmegine, medeniýetleşmegine we adamlaryň arasynda dostlukly, raýdaşlykly gatnaşyklaryň döremegine, hem-de ösmegine kömek edýär.

Edilýän hyzmatlary islendik görnüşi önümçilik we sosial işi (funksiýany) ýerine ýetirýär. Diýmek onuň edýän işiniň arasynda durmuş hyzmaty gullugyň kärhanalarynyň edýän işleri (funksiýalary) boýunça şu aşakylara bölünýär:

1. Ösüp gelýän ýaş nesli terbiýelemek we ýaşlary jemguýetçilik peýdaly zähmete taýýarlamak. Bulara bilim, kär-tehniki okuw, ýokary mekdepler, kollejler, möhletli okuwlar (kurslar), tölegli okuwlar, işgärleriň kärini gowulandyrmak üçin guralýan okuwlar.

2. Ýokary ýaşdakylaryň işläp bilijilik ukybyny galdyrmak we işgärleriň wagtlaýyn ýarawsyzlygy sebäpli iş gününi ýitirmezligini gazanmak. onuň üçin zawodlarda, fabriklerde sagaldyş öýlerini, medisina gullugyny, bedenterbiýe bilen meşgullanar ýaly mümkinçilikleri zerur.

3. Iş günüň dowamynda zähmet öndürujuliginiň peselmezligini gazanmak. Işçileriň wagtynda naharlanmak, işe gelýän we gidýän wagtlaryny tygşytlamak. Ertirlik, günortan, agşamlyk naharlaryny guramak.

4. Işgärleriň dynç alar ýaly, medeni derejesini ýopkarlandyrmak. Kärhananyň hasabyna dynç alyş öýleri, sanatoriýalary, ýaşaýyş jaýlary gurmak, sungaty ösdürmek.

5. Döwletiň çäginde öýde ulanylýan tehniki serişdeleriň, geýimleriň, aýakgaplaryň we beýlekileriň remont edilmegi sebäpli, öndürilýän senagat önümlerini tygşytlamak mümkin.

6. Ýaşalýan ýerlerde amatly sosial (durmuş) klimaty döretmek bilen ilatyň ahlak terbiýesini täsir etmek, ýagny gowulandyrmak.Durmuş hyzmaty gullugyň kärhanalaryň hemmesinde ilata medeniýetli hyzmat etmek.

7. Döwletiň çäginde zähmet baýlyklary tygşytly peýdalanmaklyga ýardam berýär. Meselem: çagalar balarynyň ýeterlik bolmagy öý hyzmatyndan zenanlary boşadyp jemgyýetçilik zähmete çekip bolýar. Ilatyň ýerleşen ýerlerinde elýeter, arzan bahaly naharhanalaryň bolmagy zenanlary el zähmetden boşadýar. Olara işlemäge we dynç almaga mümkinçilik berýär.

8. Işe ýaramly adamlaryň iş bilen üpjün edilmegi ilatyň pul girdeýjileriniň artmagyna we olaryň durmuş hyzmaty gullugyndan has netijeli peýdalanmagyna ýol açýar.

9. Ilatyň göçmek meselesi ilata hyzmat edilişini gowulandyrmak arkaly çözüp bolýar.

Şu aýdylanlary berjaý etmek üçin durmuş hyzmaty kärhanalarda mddy tehniki

## V. Ilata hyzmat ediş kärhanalaryň ýerleşdiriş aýratynlyklary.

Häzirki wagtda ykdysady we durmuş geografiň barlag usullarynda durmuş meselelerine köp üns berilýär. Öz wagtynda N.N. Baranskiniň bellemegine görä geografiýa ylmynda ýetmeýän zatlaryň biri hyzmat ediş gullukda adamzadyň isleginiň seljerilmezligidir. Biziň döwrümizde adamzadyň ýaşaýşyna, onuň isleglerine, onuň isleginiň kanagatlandyrylmagyna uly üns berilmelidir. Adamlaryň islegini ykdysady we meýdan – çäk jähtden öwrenmeklik maksada laýykdyr. Adamzadyň islegini ykdysady we meýdan-çäk nukdaý nazardan ykdysady we durmuş geografiýa öwrenýär. Bu ylmyň ugruny ykdysady we durmuş geografiýanyň “Ilata hyzmat ediş gullugy” şahasy hojalygyň we ilatyň geografiýasy bilen baglanyşdyrýar.

Ylmy-tehniki progresiň we ilatyň maddy üpjünçiliginiň, maddy önümçilik kärhanalaryň ösmegi, kämilleşmegi bilen ilata hyzmat ediş gullugyň täze pudaklary emele gelýär. Onuň ösüşi ilatyň şäherleşmeginiň ösüşi bilen baglanyşykly. Döwletiň çäginde öndüruji güýçleriň ösmegi we ilatyň migrasion hereketi onuň täze kärhanalarynyň emele gelmegine getirýär.

Durmuş hyzmaty kärhanalary gurlanda obalarda, şäherçelerde we şäherlerde ýaşaýan ilatyň ýaş aýratynlyklaryny öwrenmek zerur hasaplanýar. Meselem: käbir şäherlerde,

şäherçelerde ilatyň ýaş aýratynlygyny öwrenmek we göz öňünde tutmak ýatdan çykarylanda çagalar baglarynda, mekdeplerde ýer meselesi ýüze çykýar. Çagalar baglarynda çagalara ýer ýetmezçilik edýär. Mekdeplerde okuwçylar iki tapgyrda (ir bilen, öýlän) okamaly bolýarlar. Bu bolsa eneleriň işe ýerleşmek meselesini kynlaşdyrýar. Durmuş hyzmaty gullugy bilen baglanyşykly başga-da birnäçe meseleler ýüze çykýarlar. Ilata hyzmat ediş gullugyň geografiýasy iki sany uly bölümden durýar: 1. Ilatyň isleginiň giňişliklerde geografiki dürlüligini öwrenmek we şol islegleri kanagatlandyrmak; 2. Ýerlerde hyzmat edişliş gullugyň kärhanalarynyň guraltşyny we dürli derejeli, hünärli hyzmat gullugynyň merkezleriniň döremegi. Ykdysady we durmuş geografiýada M.A. Abramowyň (1985, s.46) pikirine görä ilata hyzmat ediş kärhanalary ilatyň geografiýasy bilan baglanyşykly öwrenilýär. Köp ýagdaýlarda hojalygyň geografiýasy bilen baglanyşygy ünsden düşürilýär. Şonuň üçin ilata hyzmat ediş gullugyň üçünji bir ugry ol hem, şol kärhanalaryň emele gelişi maddy önümçiligiň ýerleşişi we ösüşi bilen baglanyşykly.

Öň belläp geçişimiz ýaly durmuş hyzmaty gullugy kärhanalary ykdysady ylymy hem öwrenýär. Ykdysatçylar onuň pudaklaryny ykdysady düşewintliligi nukdaý nazardan, ykdysady-durmyş geografiýida ol kärhanalaryň meýdan-çäk

ýerleşişi, şäherleriň, şäherçeleriň, obalaryň şol pudaklar bilen üpjün edilişi, hem-de olary ýerli-önümçilik toplumlarynyň düzüminde zerur kärhanalar hökmünde üns berip ylymy işleri alyp barýarlar.

## VI. Ilata hyzmat ediş kärhanalary, sebitara hojalyk ulgamyny döredijilerdir.

Etraplarda, welaýatlarda hyzmat ediş gullugyň kärhanalaryň ösüşi birnäçe ýagdaýlarda bagly. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde ilata hyzmat ediş kärhanalaryň has irileri, ýagny bir ýere ýere jemlenen kärhanalary, ulgamlary, entek döwlet eýeçiliginde saklanýarlar. Wagtyň gelmegi bolen, ilatyň satyn alyp bilijilik ukybyna görä, ol kärhanalar hususy ýeçilige geçiriler.

Hyzmat ediş kärhanalaryň meýdan-çäklerde ýerleşdirilşi ýerlerde durmuş hyzmaty kärhanalaryň esasy ymaratlarynyň gymmaty (stoimosty) we olarda işleýän işgärleriň sany boýunça; ikinjiden etrapda, welaýatda işleýän işgärleriň sanyna görä; üçünjiden şol meýdan-çäkde ýaşaýan ilatyň sanyna, ýagny 1000 ýaşaýja düşüşine görä kesgitlenilýär.

Sowet Soýuzy döwründe şäher we oba ilatynyň ýerleşişini göz öňüne tutup her müň adama 200 we 170 $m^2$ dükamlaryň söwda mwýdançasy niýetlenilýärdi. Şol wagtlar şäher ilaty 61%, oba ilaty 39% - di. Şeýlelikde koffisiýent çykarylyp 200× o,61+170×0,39, ýa-da 188,3 $m^2$ her müň ýaşaýja niýetlenilýärdi.

<u>Bölekleýin satuw</u> (розничная торговля) hyzmaty gullugyň öňunde durýar esasy mesele bölekleýin satuw haryt dolandyryşynyň göwrümini giňeltmek, ilatyň harytlary satyn alyp bilijilik ukybyna görä şäher bilen obanyň arasyndaky ilatyň jan başyna edilýän söwdanyň haryt dolannyşygyny ýokarlandyrmak, haryt satuw dükamlary rejeli ýerleşdirmek, ilaty iş bilen üpjün etmek meselesi durýar.

<u>Jemgyýetçilik iýmiti kärhanalatynyň</u> esasy wezipesi zerur ýagdaýda işleýän we işlemeýän ilaty taýýar iýmit bilen üpjün etmekden ybarat bolup durýar. Jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary döretmek üçin 8 sany normatiw düzülen. Gurluşyk we senagat kärhanalarynda işleýän 1000 işine 250 sany oturylyp nahar iýilýän ýer, durmyş hyzmatyny amala aşyrýan we ylmy edaralarda işleýän 1000 adama 180 sany oturylyp nahar iýilýän ýer; ýokary we otra okuw mekdeplarde her 1000 adam üçin 180 ýer; 1000 okuwçy okaýan umumy bilim berýän mekdeplerde 250 ýer; 1000 okuwçy okaýan mekdep-

internatlarda-500 ýer; şäherde ýaşaýan 1000 adama –28 ýer; oba ýerlerde ýaşaýan 1000 adama – 25 ýer; Bazar ykdysadyýyetine geçiş döwürde ilatyň maddy-hal ýagdaýynyň gowulanmagy bilen normatiw üýtgeýär. Sebäbi, şäherlerde indiwidual – hususy naharhanalar, kafeler emele gelýärler. Garaşsyzlyk ýyllarynda etrap, welaýat merkezlerinde we Aşgabatda hususy restoranlar işe girizilodi.

Durmuş hyzmaty kärhanalaryň esasy maksady ilata dürli hojalyk hyzmatlary amala aşyrmakdan ybarat. Ilata hyzmat ediş derejäni esasan hem obalarda şäherdäki bilen deňeşdirmek bolup durýar. Bu gullugyň dürli kärhanalary bar. Uly şäherlerde olaryň köpüsi entek döwlet eýeçiliginde bolup, ýuwaş-ýuwaşdan hususylaşdyrylärhanalaryň köpüsi öýe hyzmat edýärler. Şeýle edilende ilat kösenmeýär. Raýatlara geýim, telpek, aýakgap tikýän dürli hilli mebelleri ýasaýan, bejerýän, durmuş hajaty üçin ulanylýan tehniki serişdeleri, aýakgapy, eşikleri, ýaşalýan otaglary remont edýän, hammamlar, geýim ýuwýan salonlar, himiki ýol bilen eşik arassalamak hususy awtoulaglara hyzmat edýän prokat punktlary, surat alýan, ölä hyzmat edýän kärhanalar degişlidir.

1. Döwletiň çägindäki maddy-nygmatlary peýdalanmaklygyň geografiki aýratynlyklary.Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada belleýşi ýaly “Syýasat we ykdysadyýet halka hyzmat etmekdir” diýen ýörelgeden ugur alyp döwletiomiziň raýatlarynyň maddy-hal ýagdaýyny gowulandyrmak barada uly işleri amala aşyrýar. Ilata durmuş hyzmatyny gowulandyrmak barada uly aladalar edýär. Olaryň iş ýerlerinde senagat kärhanalarynyň durky täzelenýär. Täze iş ýerlerini döretmek üçin zawodlar we fabrikler gurulýar. Şäherleriň, şäherçeleriň daşynda tokaý zolaklary, içinde oňat ymaratlar, ýaşaýyş jaýlar gurulýar. Bular hemmesi halka işlemäge, dynç almaga höwes döredýär. Onuň öňdengörüjilik syýasaty esasynda öz raýtalaryna döwlet doýunça elektrik energiýany, duzy, suwy mugt berýär. Bu hem bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde halk üçin uly kömek hasaplanýar. Döwlet jaýlaryunda ýaşaýan raýatlar üçin iň az jaý tölegleri girizilen.

**VII. Şäher bilen obanyň aratapawudyny ýok etmekde durmuş hyzmatynyň edyän täsiri.**

XX asyryň ikinji ýarymyndan başlap dünýäniň ösen döwletlerinde şäher ilatynyň sany köpelip başlady. Onuň esasy sebäpleriniň biri obalarda ýaşaýan adamlaryň hemmesini iş bilen üpjün edip bolmaýanlygyndandyr. Şäherlerde her näme-de bolsa ilat iş tapyp ornaşyp gidýär. Obadan ilatyň belli bir bölegi şähere göçmegi oba ilatynyň çürt-kesik azalmagyna alyp

barýar. Şeýle ýagdaýda köp döwletlerde özboluşlu kynçylyklar emele gelýärler. Oba ilaty garraýar. Esasan ýaşlar okuw bahasy bilen şähere gidip, soňra dürli sebäplere görä dolanmaýarlar. Obada olaryň garry ene-atalary we körpe jigileri galýarlar. Olar hem wagtyN geçmegi bilen şähere okuw we iş diýip gidýärler. Şeýle ýagdaý Soýuz döwründe Russiýa Federasiýasy, Ukraina, Baltika boýy, Belorussiýa döwletleri üçin häsiýetli boldy. Ol döwletlerde şäher ilaty 70-80% golaýlady. Bu ýagdaýda obada ilat garrap oba hojalyk işleri etmäge işçi güýji tapylmaýardy. Şu ýagdaýda oba hojalyk işleri doly mehanizasiýalaşdyrmak zerurlygy ýüze çykýar. Obalarda ilaty, esasan hem ýaşlary saklamak üçin durmuş hyzmaty kärhanalary geregiňçe gurmaly bolýar. Oňada hökmany suratda serişde gerek bolýar.



## VIII. Ykdysady we durmuş sebitde ilata hyzmat ediş gullugyň ösüşini maksada laýyk guramak.

Sowet Soýuzy döwründe-de ilata durmuş hyzmaty kärhanalary gurmakwe olaryň işleýşiniň maksatnamalaryny düzmek işlerini uly üns berilýärdi. Emma bu işlere döwlet tarapyndan ýolbaşçylyk edilenden soň hemme respublikalarda meňzeş däldi. Sebäbi ol kärhanalaryň hemmesi döwlet eýeçiliginde saklanylýardy. Ýene-de bir bellemeli zat durmuş hyzmaty kärhanalary köp ýagdaýlarda şäherlerde gurulýardy. Şäher ilatynyň agdyklyk edýän respublikalarynda, ülkelerinde bu kýärdi. Oba ilatynyň köp ýerlerinde Orta Aziýa, Gazagystan, Azerbaýjan ýaly respublikalarda durmuş hyzmaty kärhanalary köplenç ýagdaýlarda uly şäherlerde şäherçelerde ýerleşýärdi. Ol kärhanalaryňkäbir köp ilatly obalarynda kabul ediş merkezleri bolup, ilata degişli hyzmatlary şäherlerde amala aşyrýardylar. Olaryň iş tertibi etrap ( raýon ispolkomlary), welaýat (oblast ispolkomynyň durmuş hyzmaty bölümleri) tarapyndan iş maksatnamalary we meýilnamalary düzülýärdi.

Şäherlerde, obalarda we sebitde durmuş hyzmaty kärhanalaryň ýerleşdiriş we işleýiş maksatnamalary düzülende

: raýonda, oblastda durmuş hyzmaty kärhanalary gurmak üçin bir, ýa-da bäş ýyla döwlet tarapyndan hakyky göýberilýän pul serişdesi göz öňune tutulýardy; döwlet tarapyndan göýberilýän serişdeleriň mümkinçiliklerine we zähmet baýlyklary işe çekip bilijilik ukybyna, göwrümine seredilýärdi. Bulardan başga-da giňişliklerde durmuş hyzmaty kärhanalary meýilnamalaşdyrylanda ortaça soýuz we sebitara normatiwler uly ähmiýete eýedi. Oba ilatynyň agdyklyk edýän respublikalarynda durmuş hyzmaty gullugy kärhanalaryň ýerleşdirilişi umumy soýuz derejesinde pesdi. Oňa tebigy, demografiki we ykdysady şertler täsir edyärdi. Bu meselede ilatyň tebigy ösüşi uly ähmiýete eýedi.

## IX. Ilatyň bilim derejesini ýokarlandyrmak, saglygyny we rahatlygyny goramak üçin geçirilýän çäreleri gowulandyrmak.

1993-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 3-inde Saparmyrat Türkmenbaşy Türkmenistanyň bilim edaralarynyň işgärleriniň maslahatynda “Bilim” syýasaty barada çykyş etdi. Bilşimiz ýaly Türkmenistan 1991-nji ýylda özbaşdaklygy gazanandan soň öňki bilim ulgamy boýunça ýaşlary okatmak we terbiýelemek mümkin däldi. 1992-nji ýyldan başlap

mekdeplerde okadylýan taryh, geografiýa, türkmen edebiýaty we başgada birnäçe dersleriň meýilnamalary üýtgedildi. Türkmenistanda Bilim syýasatyna görä, okuw jaýlarynyň gurluş ýagdaýyny üýtgetmek göz öňüne tutulýar. Türkmenistanda şeýleräk okuw jaýlary bolar:

-mekdebe çenli ýasly çagalaryň terbiýe edaralary;

-umumy orta bilim berýän dünýewi mekdepler;

-hünär öwredýän we ýörite bilim berýän okuw jaýlary;

-ýokary okuw jaýlary hem-de alymlyk derejesini berýän okuw jaýlary.

2.Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde döwletimizde durmuş hyzmaty gullugyň gowulandyrylyşy.

Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýolbaşçylygynda döwletimizde durmuş hyzmaty gullugyň gowulandyrylmagyna uly üns berilip başlandy. Öňki sapaklarda belläp geçişimiz ýaly Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap telekeçilige, hususy eýeçilige uly üns berildi. Döwler telekeçilere hemaýat edip karz pul bermekligi ýola goýdy.

1992-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 14-inde Türkmenistanyň Halk maslahatynda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy “10 ýyl Abadançylyk” syýasaty yglan etdi. Şol maslahatda döwletimiziň ösüş ýoly kesgitlenildi. Şonda Beýik

Saparmyrat Türkmenbaşy “Eýsem Türkmenistan minnetsiz ösmäni başararmyka? “Hawa “ diýip, biz bu gün kesgitli aýdyp bileris. Munuň üçin zerur bolan esasy dört şertiň dördüsem bar. Bizde, birinjiden, syýasy durnuklylykda, ikinjiden, açyk gapylar we hoşniýetli Bitaraplyk goňşuçylyk syýasatyna-da üçünjiden, geçiş döwrüniň döwlet gazyçiligini üpjün edýän güýçli häkimet we demokratiýa-da, dördünjiden düýpli maýa goýumlary we çig mal serişdeleri bar. Bular biziň döwletimiziň dört sütünidir.Şu sütünleriň berkligini mundan beýläk hem abat saklap, öňe gitmegi başarmagymyz bazar hojalygynyň çarkandakly ýoly bilen arzyly geljege-gülläp ösjek Türkmenistanymyza ýetmegimiziň esasy girewidir.

10 ýyl abadançylyk, parahatçylyk, agzybirlik, asudalyk durnuklylyk diýmek, döwletiöwlet bolmagy üçin asyrlara barabar mizemez binýadyny berkden-berk diýmek, hakyky döwlete hem dşsyzlyga hem özbaşdaklyga eýe bolmak diýmekdir” (10 ýyl Abadançylyk-agzybirlik, asudalyk, jebislik.t.1.s.13-14).

Şu döwletli maslahatda Türkmenistanda 7 sany erkin ykdysady zona yglan edildi: Aşgabat-Abadan, Mary-Baýramaly, Hazar-Ekerem, Daşogyz-Aýeroport, Türkmenabat-Seýdi, Baharly-Serdar, Aşgabat-Änew ýollaryň gyralarynda döredilýär.

Şu maslahatda durmuş hyzmaty gullugyna degişli meselelere hem seredildi: kommersiýa bilen meşgullanýan adamlar döwletimiziň içinden alnyp satylýan harytlaryň bahasynyň üstüne 10% daşary döwletlerden getirilip satylýan harytlaryň bahasynyň üstüne 25%-den ýokary baha-nyrh goýmaly däl diýlen netijä gelindi.

Durmuş hyzmatyny göwnejaý ýola goýmak makdady bilen hyzmat ediş gullugynyň esasy häkimliklere geçirilmeli edildi. Obalarda, şäherçelerde, etraplarda, şäherlerde edilýän durmuş hyzmatynyň hiline gözegçiligi guramakda häkimlikleriň jogapkärçiligi güýçlendirildi.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýylyndan başlap telekeçilige uly ýol açyldy.1992-nji ýylyň Bitaraplyk aýyna çenli döwletimizde 4 müň sany kiçi kärhana döredildi. Olarda 43 müňden gowrak adam işledi. Ilata 5,7 mlrd manatlyk hyzmat edildi. Kiçi kärhanalaryň öndüren önümi bir ýylyň içinde ýutrta umumy öndürilen önümiň 3,5% -ine barabar boldy.

Obalarda, daýhan birleşiklerde döredilen kärhanalary 1996-njy ýyla çenli ýere karende töleginden boşatmaly we suwa, elektrik energiýasyna, gaza ýeňillikli tölegleri kesgitlemeli hem-de 3 ýylyň dowamynda olary girdeji salgydyndan boşatmaly.

Türkmenistan milli awiakompaniýasyny döretmek barada mesele goýuldy.

Aragatnaşyk ministrligi şäherleri, obalary telefonlaşdyrmak üçin zerur bolan enjamlary almak üçin Çehoslawakiýanyň, Wengriýanyň, Ýugoslawiýanyň, Polşanyň firmalary bilen kontrakt baglaşdy.

Ýaşaýyş jaý gurluşygyny ösdürmeklige hem üns berilmelidigi hakda gürrüň edildi. Keselhanalary, mekdepleri, mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralaryny, durmuş hajaty kärhanalary gurmaklyk göz öňünde tutulmaly edildi.

## X.Geourbanistikanyň öwrenilişiniň gysgaça taryhy.

N.N.Barnskiý geografiýa ylmynyň sowet eýýamynda şäherleri öwrenmekde uly yz galdyran alymlaryň biri hasaplanýar.Onuň bitiren ylmy işleri hakynda ýogalandan soňra I.M.Maýergoýzyň (1908-1975) "Geografiçeskoe uçeniýa o gorodah" M, nauka, 1987. Çap edilen işinde ýörite bölüm berilýär. Onuň ýazmagyna görä şäherleri öwrenmek mydama N.N.Baransiniň ünsüni özüne çeken ylmy meseleleriň biri bolupdyr. N.N.Baraskiý uly şäherlere mydama deňizde ýol görkeziji maýak (çyra, nyşan) hökmünde garapdyr. Oňa döwletiň hojalyk geografiýasynyň daýanjy hökmünde

seredipdir.Ýene-de oňa medeni we syýasy durmuşyň, ýaşaýşyň jemlenen ýeri hökmünde seredipdir.Şäherler-ylmy we tejribe taýdan öwrenmek üçin oňat ykjam ykdysady geografiki obýekt hasaplanýar.Geografiki nukdaý nazardan seretseň, bir bitewi, oňat daşy araçäklenen dürli masştabdaky taksonomiki birlik hasaplanýar. Olar özboluşly ýer we geografiki zähmet bölünişigininiň mekeny hasaplanylýar.Onuň şu aýratynlyklaryny göz öňüne tutup ykdysady durmuş geografiki nukdaý nazardan öwrenilmelidigini N.N.Baranskiý uly şäherleriň özbouşly ösüşini nazarda tutup, etrabyň, welaýatyň çäginde öndüriji güýçleri ýerleşdirmekde olaryň organiki baglanyörkezmegi başaran alymlaryň biri hasaplanylýar. Ol şäherleri bütin ýurduň we döwletler toplumynyň ýaşaýşynda hojalyklar ulgamyny baglanyşdyryjy halka (zweno) hökmünde seredilipdir. Şol sebäpli olaryň ykdysadyýetini öwrenmeklige, olaryň ösüşine ykdysady we durmuş gepgrafiki nukdaý nazardan ýazgy bermekligi uly üns beren alym hasaplanylýar.Olary daşky we içki baglanyşyklary nukdaý nazardan öwrenmän, eýsem olaryň içki aýratynlyklaryny, mikrogeografiýasyny öwrenmekligi maslahat beren alym hasaplanýar.Şäherleriň çäginde senagat kärhanalary, ulag, aragatnaşyk, durmuş hyzmaty ulgamlary göwnejaý ýerleşdirmekligi ündän alym hasaplanýar. Şäher gurluşyk tejribeleri ykdysady geografiki nukdaý nazardan

öwrenmekligi maslahat beren alym. Onuň özüniň 1946-njy ýylda “ob ekonomiko-geograficeskom izuçenii gorodow” diýen makalasy waprosy geografii diýlen ýygyndy-da çapdan çykýar.(19-24 s.).Ol özüniň ylmy garaýyşlarynda Şäherleri taryhy geografiki nukdaý nazardan hem öwrenmeli diýip belleýär.

Onuň özi ylmy iş ýazmadyk hem bolsa pikirleri ylmy garaýyşlary, ideýalary okuwçylaryň bilen işleşen kärdeşleriniň ylmy işlerinde görmek bolýar. Onuň okuwçysy L.E. Iofa 1951-nji ýylda “Geografiýa Urala” (M., Geogarafigiz, 1951, Çast I, 422 sah. ) diýen ylmy işini çapdan çykardýar. Soňra 1962-nji ýylda O.P. Nazarewskiniň “Tipologiýa i osobennosti formirowaniýa nowyh poseleniý Kazahstana i Sredneaziýatskih respublik” (Woprosy geopgrafii, Sbornik 56, geogarfiýa naseleniýa SSSR s.73-94), W.W.Worobýowa “Izmeneniýa geogarfii naseleniYa w Sibire i Dalnego Wostoka” (Sowremennyýe problemy geografii. M., 1964, s. 55-60), W.S. Warlamowyň “Ob ekonomika-geograficeskom paloženii orenburga” (Bestnin MGU, ser. geografiýa, 1960, №6, s. 55-60). Soňra M.I.Sklýaryň saratow şäheri hakda (Ob izmenenii ekonomika-geograficeskom paloženii goroda Saratowa, Bestnin MGU, ser. fiolog, norwowed, geol., geogr, 1958, №3, s. 211-223).

Şu çykarylan ýygyndylarda N.N. Baranskiniň köp ylmy garaýyşlary öz ornuny tapypdyr. Ýokarda atlary agzalan alymlardan başga-da B.Dawidowiçiň, B.Horewiň we beýlekileriň ylmy makalalary N.N. Baranskiniň pikirini godap çykarylan ylmy işler hasaplanylýar.

Soňra FRG, Beýik Britaniýanyň, Niderlandlaryň we beýleki Gb. Ýewropanyň şäherleri hakda ýazylan ylmy makalalar peýda bolýarlar. Ol wagtynda N.N.Baranskiniň daşary döwletleriň hem şäherlerini öwrenmekligi maslahat beren ekeni. Ýu.A.Kolosowanyň ABŞ-nyň kiçi şäherleri hakda makalasy çykýar. Ol şäherleriň özboluşlylygyna 20 ýyl öň N.N. Baranskiniý öz pikirlerini aýdan eken.

## XI. Şäherleriň ösüşiniň esasy taryhy döwürleri.

Adamzadyň durmuşynda şäherleriň döreýşiniň, emele gelşiniň özboluşly taryhy bar. Adamlaryň ilkidurmuş obşina bolup ýaşan döwürlerinden gul eýeçilik döwrüne geçen wagtynda dünýäniň kartasyna şäherler peýda bolup başlanypdyrlar. Şäherleriň emele gelişi dünýäniň, aýry-aýry meýdan çäk giňişliklerde zähmet bölünişiginiň emele gelişi bilen hem baglanyşykly. Meýdan-çäk giňişliklerde halk köpçüliginden, ýagny oba hojalyk işleri bilen meşgullanman adamlaryň arasyndan döwlet ýolbaşçylarynyň, iri ýer

eýeleriniň, söwdagärleriň, senetçilik bilen meşgullanýanlaryň döremegi şäherleriň emele gelmegine sebäpkär bolupdyr. Oturymly, ekerançylyk bilen meşgullanan adamlaryň arasynda ýer eýeleriniň emele gelmegi arheologiki barlaglaryň görkezmegine görä biziň eýýamimizden öň VII-IV-müňünji ýyllarda döräpdir.

Köpetdag etegi düzlükde biziň eýýämimizden VI-V müň ýyl ozal ekerançylygyň, maldarçylygyň alnyp barlanlygy köp döwletleriň taryhçylary, arheologlary subut edýärler.

H. Ýusupowyň (1997, 14-16 s.) berýän maglumatyna görä Köpetdag etegi düzlükde dünýäde ilkinjileriň hataryna Zeýtun medeniýeti (biziň eýýamimizden öň VI müň ýyllykda) emele gelipdir. Bu medeniýet Bamy-Mäne aralygynda we Tejeniň golaýynda Göksüýride has ösüpdir. Bu ýerlerde ýaşan ata-babalarymyz ekerançylyk, maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Ondan soňra biziň eýýämimiziň öň V müň ýyllykda Änew medeniýeti gülläp ösüpdir. Şol döwürlerde Türkmenistanyň häzirki çäklerinde özboluşly medeniýetiň, senagatyň ösendigi barada Mukaddes Ruhnamada nygtaýar. Mundan eredilip, ondan her hili gurallary türkmenler dünýäde ilkinji bolup ýaşap başlapdyrlar. “Ergenokop” dessany türkmeniň gadymyýeti. Onda tutuş magdan dagynyň eredilip, ýagtylyga – dünýä çykylmagynyň göçme manysy bar. Türkmen

gylyjynyň gadymy kämil nusgasyny şu günlere ýetiripdir. Şol gylyjyň ýuzünde “Türkmen hiç haçan gylyjyny gynyndan goňşysynyň garşysyna çykarmaz” diýen ýazgy galdyrypdyr, ol häziren goňşy Eýan döwletiniň taryhy müzeýinde saklanmýar. Polatdan, demirden ýasalan dürli, gurallar, abzallar dünýä türkmen ýaýlasyndan ýaýrapdyr.

Dünýäde iň oňat matalar Merwde, Nusaýda dokalanlygy barada taryhçylar gadymgyýetde ýazypdyrlar. Türkmen ýaýlary, ýupek matalary, ýupek halylary bilen hem dünýäde meşgurlyk ýazanypdyr” (Ruhnama, 56 s.). Türkmenler gadymyýetde ýeriň asryndan we üstünden her hili metal magdanlary gazyp alyp olary öz hojalyklarynda ulanar ýaly dürli gurallary, ýaraglary ýasandyklary barada köp alymlar ýazýarlar. G.A.Mirliniň (1985, s.100), H.Yusupowyň (1997, s.24), A.P.Kuznesowyň (1998, s.24-25) ýazmaklaryna görä ata-babalarymyz 8-7 müň ýyl biziň eýýamimizden oň mis, 7-6 müň ýyl ozalgurşun, 6 müň ýyl öň-altyň, kümüş, 3 müň ýyl özal-galaýy, sink, burunç, 2 müň ýyl özal demir magdanlaryndan her hili hojalyk (ekerançylyk we aw awlamak) gurallaryny, uruş üçin ýaraglary ýasamak bilen mesgullaypdyrlar.

A.P.Kuznesowyň (1997, s.24-25) ýazmagyna görä metallurgiýanyň (metal eretmekligiň) ilkinji dörän merkezi Orta Aziýa bolup, soňra Eýrana, kiçi aziýa, kawkaza,

Hindistana, orta ýer deňiz kenary we Ýewropa" döwletlerine ýaýrapdyr. H.Yusupowyň ( 1997, s. 24) pikirine görä Anewde ýaşan ata-babalarymyz biziň eýýamimizden oň 5-2 müň ýyllyklarda mis metaly eretmäni, toplamany, ony myşýäk bilen goşup, soňra golaýy bilen eridip bürünç ýaşamany başarypdyrlar. Metal eretmegiň osmegine ekerançylegyň meýdanynyň artmagy we şol döwürlerde bolýan uruşlar hem sebäp bolupdyr. Altynyň, kümüşiň Orta Aziýada, Altaýda biziň eýýamimizden öň II-I müň ýyllyklatda gazylyp alnandygy taryhy maglumatlardan belli. Türkmenlerde zergärlik sungaty şol döwürlerden başlanlygy sebäpli, özüniň ösen derejesine ýetipdir. Olaryň türkmen zenanlary we bedewleri üçin ýasan şaý-sepleri görenleri haýran galdyrýar.

Gadymyýetde türkmen ykdysadyýetiň we medeniýetiniň dargamagyna Mukaddes Ruhnamada bellenişi ýaly mongol-tatar zulumy sebäp bolýar. "Çingiz hanyň wagşyýana çozuşyndan soň, türkmen ösüşler, özgerişler çarhyny Gündogardan Günbatara tarap aýlady. Türkmenistan dünýäde iň ösen ülkedi" (Ruhnama, s. 56).

Soňra Gadymy dünýäde şäherleriň has köp emele gelmegi biziň eýýämimizden öň 1-nji müňýyllyklara degişli. Şol döwürlerde siwilizasiýa Gadymy Gündogarda has ösüpdir.

**Gadymy Ýegipet.** Biziň eýýämimizden öň 3 mün ýyllykda gadymy patyşalyk (paýtagty Memfisde) emele gelýär. Soňra XXI-XVIII asyrlarda biziň eýýämimizden öň Orta we Täze (biziň eýýämimizden öň XVI-XI asyrlarda) patyşalyk emele gelip paýtagty Fiwa şäheri bolýar. Fiwa şäheriniň aşaky we Orat Ýegipetden uzakda bolanlygy sebäpli biziň eýýämimizden öň XIX asyrda Kahun şäherine (Faýum oazisine) geçirilipdir. Biziň eýýämimizden öň XIV asyrda faraon Amenhotep IV (Ehnaton adyny "Günüň howandary") Fiwa bilen Niliň aşak akymynyň ortasynda Ahetaton ("Günüň gorizonty") şäheri gurduryp (häzirki El-Amarna şäheriň golaýýnda) Özüne paýtagt edýär. Ol ölenden soň paýtagt ýene-de Fiwa şähere geçýär.

Biziň eýýämimizden öň 27-nji asyrda grekçe Heops, müsürçe Hufu, Ýegipet faraony Gize şäherinde 23 ýylyň dowamynda 100 müň gurluşykçynyň gatnaşmagynda beýleki 146,6 m bolan piramidany gurdurypdyr.

Biziň eýýämimizden öň 322-nji ýylda Aleksandr Makedonskiý Müsüri basyp alýar. Orta ýer deňziň kenarynda Aleksandriýa şäheri gurdyrýar. Bu şäher müsüriň täze paýtagty diýip yglan edilýär. Grekler Müsürde (322-nji ýyldan biziň eýýämimizden V asyryna çenli) höküm sürýärler. Onuň häzirki paýtagty Kairi

araplar X asyryň ahyrynda gadymy Memfisiň golaýynda düýbi tutulýar.

Gadymy Müsüriň paýtagtlary (Memfis, Fiwa, Ahetaton) gadymy ýadygärlikleri, kökleri bilen tapawutlanýarlar. Birinji piramida III faraonyň denastiýasy (Josseriň döwründe) Sakkape şäherinde 60 metr beýiklikde gurlan. Soňra 2720-2560-njy ýylda (b.e.öň) Gizada Beýik faraon Heopsyň, Hefreniň we Mikeriniň piramidalary olary goraýjy Sfinksiň ýadygärligi gurulýar. Bu ýadygälikler 4000 ýyl bäri adamlary aň edýär. Heopsyň we Hefreniň piramidalary çölüň reňkini berýän daş bilen gurşalan Mikeriniň piramidasy – gara reňkli, Sfinksiň ýüzi – gyzyl reňkde edilipdir. Piramidalaryň aşagynda faraonlaryň jesedi balzamlanyp goýlan. Olaryň hudožnikler tarapyndan örän çeper edip suratlary hem çekilen. Altyndan olaryň şekili ýasalan.

**Iki derýä aralygy** (Mesopotamiýa). Ilkinji şäherler gadymy Şumerleriň we Akkadlaryň döwletleri wagtynda döredilipdir. Bu aralykda suwaryş ulgamlary has ösüpdir. Ol ýerde 20 golaý uly bolmadyk şäherler-döwletler emele gelipdir: Uruk, Ur, Nippur, Lagaş we başg. Şäherler ybadathanadan, basgançakly çykylýan minaralardan, dolandyryjylaryň köşgünden, palçykdan edilen ýaşaýyş jaýlardan, olaryň golaýynda ýerleşen baglardan, oba hojalyk, ýerlerden ybarat bolupdyr. Şumerleriň

ilkinji şäherleri has owadan bolupdyr. Olaryň galdyran ýazgylaryna görä, olary asman hudaýlary gurupdyrlar.

Nippur- harby şäher bolan.

Ur-şäheri üç sany uly basnýä (minaretden) ybarat bolup XXII-XXI asyrlarda (biziň eýýanimizden öňi) gurlyp beýikligi 21 m. barabar bolupdyr.

Biziň eýýämimizden oň XIX-XII asyrlarda iki derýa aralygy W.Wawilon haklygyna birleşdirilipdir.W.Ýe. oň XIII-XII asyrlarda mesopotamiýa pesliginiň demirgazygynda Assiriýa döwlerti emele gelipdir. Assiriýa patyşasy Sargon II köşgi, Dur-Şarrukin ( häzir Horsabad) 300 gektary, onuň 17-ga köşkden, köşk 209 zal, 30 sany howludan ybarat bolupdyr. Sargon II ölenden soň onuň köşgi we şäheri taşlanypdyr, döwletiň paýtagty Ninewiýa geçirilipdir. Ol ýerde täže köşkler, ybadathanalar gurlupdyr. Şäheriň ilaty takmynan 120 müň adama ýetipdir.

Midiýa bilen bilelikde Wawilon döwletleri bileşip Assiriýany derbi daýyn edipdirler. B.E. öň VII asyrda Wawiloniýa ösen derejesine ýetipdir. Nawuhodonosor II-ň patyşalyk eden wagtynda (VIII-VII asyr) Wawiloniýa köşkler, ybadathanalar bilen bezelip ilaty 1 mln adama ýetipdir. Wawilon – diýmeklik hudaýyň derwezesi diýmekdir. Ol şäher Ýewfrat derýanyň iki

kenarynda 10 inedördül km-i eýeläpdir. 8 sany derwezesi bolan. Onuň uly minarasynyň beýikligi 90 m bolupdyr.

Aleksandr Makedonskiý Mesopotamiýany basyp alanda Wawilony paýtagt edinjek bolupdyr. Selewkidler döwletiniň paýtagty Selewkiýa (312-nji ýylda gurlan) Tigr derýanyň boýunda gurlupdyr. B.E. öň I-asyrda Strabon Wawilona gelip görende şäheriň çöle öwrülenine haýran galypdyr. Selewkiýa şäheri 165-nji ýylda (1 asyrda 600 müň adam ýaşan) şäheri remliler derbi-dagyň edipdirler.

Biziň eýýämimiziň 226-227-nji ýyllarynda Parfiýa patyşalygy basyp alyp Derýalygynda paýtagtyny Ktesifon şäheri edýärler (B.E. öň 1 asyrda gurlan). Ol hem Tigr derýasynyň boýunda Selewkiýa şäheriniň garşysynda ýerleşipdir. Ol Sasanidleriň paýtagty edilýär. Has uly we baý şäherleriň biri bolupdyr. VII asyrda ktesifon araplar tarapyndan basylyp alnyp weýran edilipdir. Abbasidler bu ýerde täze Bagdat şäheri gurýarlar (762-nji ýylda). Soňra Bagdat XIII asyrda Timur tarapyndan doly weýran edilipdir. Soňra ol şäherler ýene-de dikeldilýärler.

Eýranyň, Hindistanyň, Hytaýyň gadymy şäherleri: Ahamenidler dinastiýasy döwründe döredilen şäherlerden biri Persepolis, (häzirki Şiraz şäheriň golaýynda ýerleşýär). Ol biziň eýýamimizden öň VI asyrda patyşa Kir tarapyndan düýbi

tutulyp Persiýanyň paýtagty diýlip yglan edilýär. Soňra patyşalar Dariý, Kserks, Afrakserks wagtlarynda uly şähere öwrülipdir. B.E. öň 330-njy ýylda Aleksandr Makedonskiniň goşunlary tarapyndan ýakylypdyr. Pesopolisiň köşgi (beýikligi 15 m bolan) gaýaly terrasada13,5 gektar ýeri (450x300 m) eýeläpdir. Wagtynda örän owadan şäher bolan. 17 m beýiklikde derwezesi ganatly öküzler bilen bezelen, gezelenje gelen adam daşy uly kolonnalar bilen gurşalan, diwaryna her hili suratlar çekilen zallara girýär eken. Pesopolisiň galyndylary häzir hem gören adamy haýran galdyrýar.

Hindistanda gadymy siwilizasiýanyň merkezleri Hind derýasynyň jülgelerinde emele gelipdir. Harappe şäherlerinde geçirilen arheologik barlaglar bu ülkelerde B.E. öň 2-1 mün ýyllyklarda (XXIII-XVII asyrlarda) uly şäherleriň bolandygyna güwä geçýär. Gang derýasynyň jülgesinde Mauryw imperiýasy döwründe (IV-II asyrlar b.E.öň soňra Guptlar döwleti wagtynda ( IV-VI asyrlar b.e.wagtynda) paýtargt Magadhi Pataliputra (häzirki Patna şäheri) bolan.Bu şäher b.e.oň V asyrda son derýasynyň Ganga diýýan ýerinde gurlupdyr. Mauryýew dinastiýasyny dolandyryjy patysa Aşoki Hindistanyň hemme ýerini birleşdiripdir. Şeýlelilikde içki paýtagt we daşky prowinsial merkezler diýlip şäherlet iki topara bolunipdirler. Hindistanyň demirgazygynda Persiýa, Orta Aziýa gidýan

demirgazyk derwezesinde Taksila şäheri uly ähmiýete eýe bölüpdyr. Gul eýeçilik döwründen diňe Pataliputra, Taksila we beýleki şäherleriniň harablary saklanyp galypdyrlar.

Asoka döwründe gurlan buddizme degişli ýadygarlikler saklanypdyrlar. Olaryň arasynda biddizm dinini dörediji Siddhartha Gautamyň (soňra, Budda adyny alan) ýadygarlikleri, ybadathanalary golypdyr.

Hindistanda biziň eýýamimiziň V-XII asyrlarynda gurluşyk gurmak boýunça pasilden-nesike geçen "Şilpaşastra" traktaty galdyrylypdyr. Biziň göwrümoze çenli galan gurluşyk ýadygärlikleri we ýazgy çeşmeleri Hindistanyň şäherleriniň gurluşygynyň ýokary derejede ýerine ýetirilendigine saýatlyk edýar.

Hytaýda gadymy şäherler Huanhe derýasynyň jülgelerinde emele gelipdir. Emma ol şäherler emele gelişleri ýaly duşmaklar tarapyndan ýykylyp weýran edilipdir. Soňra ýene täzeleri gurlupdyr.

Muňa garamazdan paýtagt şäherleriň has ululary hem bolupdyr. Sin döwletiniň paýtagty Sanýan imperator Sinşihuandi tarapyndan Beý derýasynyň kenarynda gurdupylypdyr.Onuň 1 mln ilaty bolan; Şäher dasyna 100 km diwar dikeldilipdir. Imperatorlara gurlan köşkleriň gurluşygynda 100 müňlerçe

adamlar işledilipdir. Bu b.E,oň XIV asyrda bolupdyr. Şol döwerlerde demirgazykdan gelýän duşmanlardan goranmak üçin yzynlygy 6000 km, ini 7-8 m, beýikligi 10 m bolan Hytaý diwaryny gurýarlar. Ony gije-gundiz işlap 10 ýylyň dowamynda gurup gutarypdyrlar. Gurluşygynda 2 mln adam gatnaşypdyr.

## XII.Gul eýeçilik we feodalizm döwrüniň säherleri.

Biziň eýýamimizden 2000 ýyl öň gul eýeçilik döwrüniň esasy merkezi gündogardan Ortaýerdeňiz kenar ýakalaryna süýşýär. Soňra 2000 ýyllap, gadymy dünýäniň esasy merkezi. Ortaýerdeňiz töweregi bolmagynda galýar.

Ortaýer deňiziň gunbatarynda binikiýa salygy emele gelip, ösen we liman dersi bilen deňiz aralygynda ilatyň has köp ýaşan ýeri bolan. Bu ýerde esasan Tir şäheri bolup onuň deňizde ýüzüjileri uzak ýerlere ýüzüş edip özlerine koloniýalar edinýärler. Şolardan biri Afrikanyň demirgazyk kenarynda häzirki Aljiriň golaýynda Karfagen şäherini gurýarlar. Soňra krit adasyny we Miken adalaryny basyp alýarlar. Gündogar Orta ýerdeňiz kenarynyň we Bütin Gadymy dünýäniň esasy merkezi Afiny şäheri bolmagynda galýar.

Gul eýeçilik dünde şäher gurmakda uly üstünlikler gazanylýar. Bu ýagdaý esasan hem b.E.oň VII-VII asyrlarda Egeý, Ortaýer, Gara deňizleriň kenarýakalarynda ýuzlerçe şäherler döredilýar.

Gadymy Gresiýada ilkinji şäherler Egeý deňziniň kenarýakalarynda, Peloponnes ýarym adasynda, Krit adasynyň kenarlarynda döredilipdir. B.E.oň XVIII-XV asyrlarda, Krit patysalygy döredilip, onuň köşgünde ýuzlerçe otag, myhmanlary kabul edýän zal, ussahanalar, hyzmatkärler üçin otaglar bolupdyr. Krit adasynyň oňat geografiki ýerleşişi bar. Ol Aziýa, Afrika we Ýewropa gidýän deňiz ýollaryň ugrunda ýerleşýär. Döwrüne görä güýçli ösen floty bolan.

B.E.oň 1400 ýylda Krit patysalygynyň şäherleri ýangynda weýran bolýarlar. Nameden ýanandygyny hemize çenli hem bilmeýärler.

Peloponnes ýarym-adasynyň gündogar tarapynda Miken döwleti bolup, XIV-XII asyrlarda (B.E.oň) gülläp ösüpdir. Agamemnonyň patyşalyk eden döwründe Miken döwletiniň güýçli floty bolupdyr. Şol ýerde gazuw-agtaryş işleri geçirilende uly mazarlar, goranyş desgalary, köşk, köşke girilýän ýerde uly derweze bolan. Gurluşykda galyňlygy 1m uzynlygy 3m bolan dag daşlary ulanylypdyr. Grek ýazyjysy we

syýasatçy Pawsaniniň ýazmagyna görä ol jaýlar ýeke gözli äpet-sikloplar tarapyndan gurlupdyr diýip ýazypdyr. Şonuň üçin ol gurluşyklara “siklop” (siklopskiýe postroýki) gurluşygy diýip aýdýarlar.

1200-ýyla golaý B.E. öň Troýan urşy (Dardanel bogaza girilýän ýerde) bolup Gameriň “Iliadasynda” görkezilişine görä patyşa Mikeň Agamemnon köp goşun ýygnapdyr. Şol uruşda Troýa Şäherini (altyna we bronza baý şäher) basyp alypdyr. B.E. öň XI-VIII asyrlar Gomeriň döwri diýip atlandyrylýar. Troýan urşundan soň Demirgazykdan dariýler Peloponnes ýarym ada aralaşýarlar. Onuň günortasynda Sparta şäheriň düýbüni tutup geý deňzindäki Krit, Kifera, Rodos adalary eýeleýärler. Kiçi Aziýany alýarlar. Kiçi Aziýanyň kenarýakasynda Milet, Fokeýa, Efes şäherlerini gurýarlar.

Grekler ýene-de aýaga galyp öňki ýitiren ýerlerinibasyp alýarlar. Söwda ösüp başlaýar. Soňra grekler Günbatara hereket edip Italiýa tarap süýşýärler. Hem-de Gara deňziň kenarýakalarynda Sinop, Trapezund, Istriýa (Barna), Tira (Belgorod-Dnestr), Olwiýa (Herson), Feodosiýa, Pantikapeý (kerç), Tanais (Rostow), Fanagoriýa, Fasis (Poti), Wizantiý, Ortaýerlerden iz kenarynda, Massiliýa (Marsel), Nawkratida (Ýegipet) şäherleri alýarlar. Ylym,sungat ösüp başlaýar. Onuň ösmegine şol döwrüň jemgyýetçilik ösüşi, geografiki

düşünjeleriň giňelmegi täze kolonial ýerleriň özleşdirmegi bilen baglanyşykly. Joniýa mekdebiniň alymlary Fales, Anaksimandr, Anaksimen Miletden, Efes mekdebinden Geraklit we beýlekiler dünýä ylmynyň başlangyjyny başlanlar hasaplanýar. Olaryň geografiýa degişli ylmy işleri hem bar. ony siz "Taryhy geografiýadan" öwrenensiňiz. Filosofiýa, matematika (Pifagor, Arhimed), edebiýat (Arhiloh, Alkeý, Anakreon, Safo), arhitektura ylymlary şäheriň ösmegine uly ähmiýete eýe bolýarlar.

Gresiýa döwletiniň has ösen döwri B.E. öň IV asyra degişli. 443-429-njy ýyllarda grek-pars urşy gutarandan soňra onuň "Altyn asyry", Akropolyň gurluşygy başlanýar. Onuň gurluşygyna arhitektor Fidiý ýolbaşçylyk edýär. Ylymda belli alymlar Sokra, Gerodot, Platon, Demokrit, Aristotel, Gippokrat, Gippodam ýasap we işläp geçipdirler. "Taryhyň atasy" hasaplanan Gerodot uly geograf köp ýerlere syýahat eden we geografiýa degişli köp ylmy işleri, ýazgylary galdyran alym hasaplanýar. Belli wraç Gippokrat şäheriniň düýbini tutmakda, olara ýer saýlamakda tebigy şertleri göz öňüne tutan alymdyr. Şol döwrün alymy Gippodam şäherleri gurmakda şahmat çyzgysyny esas edip Milet, Pireýa, şäherleri gurmakda ulanypdyr.

Gresiýada IV asyryň ahyry we B.E. öň I asyra çenli Ellinistiki döwür diýip atlandyrylýar. B.E. öň IV asyrda Aleksandr Makedonskiý wagtynda ägirt uly Grek imperiýasy döredilýär. Ol özüne Orta Aziýany, Hindistany, Müsüri birleşdirýär. ol özüne gündogaryň medeniýetini şäherleriň guralmagynda gündogaryň arhitekturasyny siňdirýär. Onuň sungatyna edebiýatyna, alymyň ösmegine hem uly täsir edýär.

Aleksandr Makedonskiý şäher gurmaklyga köp üns beren şahsyýet hasaplanýar. Olaryň çinde Müsürdäki Aleksandriýa, Antiohimiýa (Siriýanyň demirgazyk-da) we başga-da birnaçe Aleksandriýa, Selewkiý şäherleri durdurypdyr.

Gresiýanyň tebigaty örän owandan.Klimaty Ortaýerdeniz tipli. Tebigatyň özi şäherlere, obala gözellik berýar.

Afininyň toweregiňde biziň häzirki düşünjamizde şäher-hemralary, goşmaça şäherler emele gelen. Oňa şol döwürde greklerde Megalopol diýip atlandyrypdyrlar. Soňra 20 asyr geçenden soňra J.Gotman tarapyndan “megapolis” diýlip atlandyrylan adalga emele gelýar.

Gresiýanyň çäginde suw we çörek ýetmezçilik edipdir. Sebäbi, klimaty gurak suwtropik. Şol sebäpli adamlar bir-birleri bilen

haşlaşanda “Dobrogo puti b swejeý wody” Ýoluňyz ak bolsun we täze suw” diýip sözleşer ekenler. Sonuň üçin olar Gara deňziň demirgazygyny, Orta Aziýany Müsüri çörekli sebitleri basyp alyp olara barýan ýolary “çörek ýoly diýip atlandyrýan ekenler.

Akropol-dünýäde iň owadan ansamlaryň biri hasaplanýar. Oňa arhitektor Fidiý ýolbaşçylyk edipdir. Esasy ýadygarligi, beýikligi 12 m bolan Afinynyň –Parfenos (Afiny-Dewy) sekili agaçdan pil sünkünden we üsti 2003 kg atyn bilen ýapylan, Afinynyň altyn fondy hasaplanýar. Akropol köp uruslary basyndan geçiren hem bolsa biziň günlerimizde hem Afina görk berýar.

Soňra grekler Konstantinopoly guranlarynda Akropolyň köp ýadygarliklerini äkitýarler.

Gadymy Rim.

Gadymy Rim döwründe adamzadyň geografiki we şäher gurujylyk tejribesiniň osen döwri hasaplanýar. Rim b.E.oň 753-nji ýylda düýbi tutulýar. Rim özüniň 12 asyr döwründe 476-njy ýyla çenli uly gül eýeçilik imperiýasyny döredýär. III-II asyrlarda Puni urşunda (puni diýip finikiýalylara aýdylýarlar) Karfegeni soňra B.E. öň I asyra we B.E. II asyryna çenli Ispaniýany, Gresiýany, Galliýany, Britaniýany, Merkezi,

günorta-gündogar Ýewropany Dunaý, Reýn derýalaryna çenli Kiçi Aziýany, Lewanty (Liwiýa, Siriýa), Demirgazyk Afrikany, Müsüri basyp alýarlar. Uly imperiýa döredýärler.

Rimliler şäher gurmakda grekleriň tejribesi bilen hem tanyşýarlar we kabul edýärler. Olar esasan hem etruskalaryň (Appenin ýarym adasynyň demirgazyk günbatar tarapynda B.E. öň 1 müňýyllykda ýaşan halklar). Şäher guramak tejribesini hem ulanypdyrlar. Şäher gurmaklygyň çägini tehniki esaslaryny, täze usullaryny (şaheriň merkezinde giň meýdançalary, Sirk, ybadathanalary, daşdan örülen köprüleri, daş düşelen ýollary, ýoluň aşagyndan suw geçirmekligi, arka, uly ýollary gupba şekilli edip basyrmaklygy we başga-da birnäçe usullary) ulanypdyrlar. Imperiýanyň güýçligini mahabatlaşdyrýän uly gurluşyklary ülkelerinde (prowinsial) şäherlerde gurupdyrlar. Onuň esasy sebäbi şol şäherlere 10-larça müň adam (goşun) baranda ýerleşer ýaly jaýlary gurmagy başarypdyrlar.

Gadymy Rim imperiýasyndan galan has uly we çylşyrymly şäher Rim B.E. IV asyrynda onda ýaşan ilatyň sany 1,5-2 milliona ýetipdir. Ol Tibra derýasynyň boýunda deňizden 27 km daşlykda şäheriň merkezi “Inedördül Rim” (Rim kwadratnyý) alatin baýyrlygynda ýerleşýär. Säher gadymy ýadygärliklere örän baý şäher hasaplanýar.

Rim şäheriniň gurluşygynda 3 sany döwri tapawutlandyryp bolýar; patyşa döwri (753-510/509-b.e.öňki ýyllar; respublika döwri- 510/509-30/27 b.e. çenli ýyllar;  imreriýa döwri- 30/27 b.e. öňki we 478  ýyl biziň eýýamimiz.

B.e.-III-asyrynda Rimde Kolizeý (has uly amfiteatr Flawiý, 87 müň tomaşaçyny ýerleşdirip bilýar. Beýikligi 47 t. Onuň 4 sany basgançagy (ýarusy) 188x 144 m şäherden ýokary galýar. Bu teatrda köpçulikleýin soweşler, ýyrtyjy haýwanlar bilen uruşmak, krokodiller bilen soweş, deňiz uruşlary (suw ýorute gurlan akweduklar arkaly berilýär), teatryň depesinde bulut emele getirmek ýaly ussatlyklary bilen tapawutlanýar.

Palatina baýyryň eteginde gurlan 250 müň tomaşaçyny ýerleşdirip bilýän sirk, başgada birnaçe köşkler, teatrlar ybadathanalar, arkalar gurlan.

Rimlelir öz imperiýasynyň beýleki şäherlerinde-Lýutesii Pariziopum (Pariž), Windobony (Wena), Londonium (London), Akwinkin (Budapeşt), Agrippin koloniýasynda ( Kýoln), Ausburgda, Strastburgda, Trirde, Lionda we beýleki şäherlerde oňat ymaratlary gurupdyrlar. Özleriniň imperiýasyna birikden ýerlerinde harby dolandyryjy merkezleri döredipdirler. Port, sowda, kurort şäherlere uly üňs beripdirler. Prowinsial merkezleri hem ünsden düşüzmändirler. Meselem Afiny-şol

wagtlar bu şäherde 160-180 müň adam, Aleksandriýada- 500 müň ýasap bu şäherler imperiýanyň esasy medeni merkezleri hasaplanypdyr. Biziň zamanymyzyň III-IV asyrlarynda Arabystandan Siriýa gidýan ýoluň ugrunda Palmira şäheri gullap ösüpdir. Özüniň uzyn sütünli köreleri bilen göreni haýran galdyrypdyr. Rimiler Demirgazyk Afrikada Karfagen şäherini ýykyp, Timgad we Lamgezis şäherlerini we Liwanda Baalbek şäherini gurupdyrlar.

### 1. Gul eýrçilik we feodalizm döwrüniň şäherleri.

Orta asyrlar döwri dürli kontinentlerde dürli hiliräk kabul edilýar. Günbatar Ýewropa döwletleriniň köpüsinde feodal durmuş-ykdysady formasiýany Rim imperiýasynyň dargamagy ( b.e. 5- asyry) we Inlis burjuaz rewolýusiýasy (1640-1660) döwurleri öz içine alýar. Aziýa döwletlerinde ( Hytaý, Demirgazyk Hindistan) feodolizme geçiş döwri b.e. I-III asyrlary hasaplanylýar. Käbir döwlerlerde ol XVIII-XIX- asyrlara çenli dowam edýär.

**Feodolizm** döwri 3 sany basgançäga irki ortaçsyra-V-XI asyrlar; kabir Aziýa döwletlerinde-III-XI asyrlar; ortaky döwri- feodalizmiň ösen wagtlary-XI-XV asyrlar; käbir aziýa döwletlerinde-XVI asyra çenli; sonky ortaasyrlar: - feodalizmiň dargap baslan kapitalistik önümçilik usulyň (XVI, XVII-asyryň

ortalary, gündogarda- XVIII-XIX asyr) emele gelen döwri diýlip bölünýär.

Orta asyrlar şäherleriň döreýsinde; ösüşinde has çylşyrymly döwür hasaplanýar. Olaryň köpüsi uruşlar, çözüşlar arkaly weýran edilipdir. Käbirlerinde uly ybadathanalar, metjitler, köşkler Kolonadalar , durli hili ýadygarlikler indiki nesle ýadygärlik galdyrylypdyr.

**Feodolizm** döwri uly ýer eýeçiligi bilen tapawutlanýerler köplenç halda ýer eýeleriň elinde saklanypdyr.

Daýhanlar olardan karendesine ýer alyp, ýeri ekip alan hasylyndan belli bir bölegini, ýa-da feodal rentasyny fermeli bolupdyrlar; feodalizmiň soňky ýyllarynda şäherlerinde ownuk haryt önümçiligi, soňra manufaktura (manus-lat. El, facere-iş etmek- 16-18 asyrlarda Günbatar Ýewropada senetçiligiň ösmegi, dokma kärhanalaryň döremegi, soňra maşyn önümçiligine geçmegi) geçmegi bilen kapitalistik hojalyk emele gelipdir.

Orta asyrlar döwründe Ýewropada  köp şäherler emele gelýärler. Olaryň emele gelmegine zähmet bölünişigi sebäp bolýar; senetçiligiň oba hojalykdan aýrylmagy bilen önümçilik gatnaşyklary ösüp başlaýar. Senetçi, hünärmen, öňki daýhan,

şäheriň etegine göçüp gelip önüm öndürip, ondüren önümlerini şäherlerde ýerlesdirmeklide mümkinçilik alýarlar.

Ussa bolmak üçin okuw geçmeli bolupdyr. Soňra synag tabşyrmaly eken. Meselem: nemes şäherlerinde demirçi ussa bolmak üçin ussanyň ýanyndan münülýän aty idip geçenlerinde sonuň atlarynyň toýnagyna nal ýasamany basarýan adam,a ussa diýer ekenler. Diýmek ol özüniň senedini barmaklarynda we beýnisinde görmeli eken. XIV asyrda Ýewropa şäherlerinde 300-e golaý senetçi hünärler bolan. 1268-nji ýylda Parižde ýurlerçe senetçileriň birleşmeleri (korporasiýalary) bolundyr. Bularda başgada bankirleriň, notariuslaryň, adwokatlaryň, doktorlaryň, atyjylaryň assosiýasiýalary ýerleşipdir. Şäherlerde ýuwaş-ýuwaşdan synpy garsylyklar ýitileşip ugriýar. Kärhanalarda düzgün-tertip güýçlenýär oňdürilýän önümiň hiline, ussularyň sanyna, işleýiş ýagdaýyna görä karhanalaryň (şäherleriň) arasynda konkurensiüýçlenip başlaýar. Gündogar Ýewropada (Polsa, Cehiýa, Wengriýa, Baltika boýy döwletlerde) Hodallar bilen şäherlikleriň arasynda gapma-garsylyklar başlaýar.

2.**Ýewropanyň orta asyr şäherleri.** Rim imperiň ornunda Pariž, London, Wena, Strasburg, Budapeşt, Neapol, Trua, Marsel, Kýoln we beýlekiler has uly şäherler hökmünde

galdylar. Käbir şol döwrüň şäherleri ösüşde yza galyp, ýuwaş-ýuwaşdan döwletara, halkara ähmiýetlerini ýitirip başlaýarlar.

Şäherleriň ösmeginde we saklanyp galmagynda olaryň geografiki ýerleşişi uly ähmiýetde eye bolupdyr.ger-de olar sowda ýollarynyň ugrunda, deniž kenarlarynda gurlan bolsalar ösmeklerine mümkinçilik döräpdir. Esasy sowda ýollarym ugrunda ýerleşen şäherler Konstantinopol, Benesiýa, Genuýa, Marset we beýleki şäherleri uly ösüşi eýe bolupdyrlar. Alp geçelgesiniň üstünden Demirgazyk Ýewropa söwda ýollaryň ugrunda, Demirgazyk Baltika, Ortaýer, Çara deňzleriň kenarlarynda ýerleşen şäherler ösüpdirler. Demirgazyk we Baltika deňizleri boýunça uly ýükler – däne, agaç, ýüplük, balyk, duz ýaly ýükler daşalypdyr.

XII, XIII-XIV asyrlarda uly şäherlerde okuw jaýlaryň (uniwersitetleriň açylmagy şäher ilatynyň we şäherleriň meýdançäkleriniň giňelmegine sebäp bolýarlar). Köp şäherlerde ýeriň çäkliginde görä beýik birnäçe gat jaýlar gurulyp başlanýar.

Ýaşaýyş jaýlaryň beýikligi 20-30 m, ybadathanalaryň beýikligi 100-150 m çenli gurlanlaryna köp şäherlerde gabat gelip bolýar. Köne şäherleriň köpüsinde köçeler 5-7 m, käte 2-3 m çenli kiçeldilipdir.

Orta asyr şäherlere şäherlere şäheriň merkeziň daşyna haýat çekmek häsiýetli bolupdyr. Feodallar öz ýaşaýan ýerlerinde gala gurupdyrlar. Olar mümkinçiligi bolan ýerde galalaryny beýik baýyrlyklarda, duşmandan goranmak aňsat bolar ýaly edip gurupdyrlar. Sol galalar köp şäherler üçin häsiýetli bolupdyr.

Orta asyr şäherleri ýaşamak üçin belli-bir derejede kynçylyklary döredipdir. Suw geçirijiler, kanalizasiýa bolmadyr. Arassaçylyk üçin göreşilmändir.

Köp jaýlar roman stilde (şekilde) şähere girelgelerde uly mähnet derwezeler, uly diňler (başnýalar) galyň diwarly jaýlar, ybadathandlar gurlupdyr. Jaýlar gurlanda üstüni agas bilen basyrman, gurba şekilli edip gurupdyrlar. Köplenç bisirilen kerpiçden salypdyrlar.

**Praga**- XI-XIV asyrlarda Yewropanyň uly şäherleriniň biri bolan. Ol Wltaba dern kenarynda ýerleşip, ondan demirgazyk-da Saksoniýa, soňra demirgazyk we Baltika deňizlere çykalga bolupdyr. Demirgazyk-günbatar – güngingiýu, Günbatar-a Bawariýa, günorta –Awstriýa, gündogar –Morawiýa, soň Slowakiýa gidilýan ýollaryň ugrunda ýerleşipdir. 1400-nji ýylda onda 95 müň adam Ýaň sany boýunça Parijden, Milandan, Benesiýadan, enuýadan

soňky orny eýelap Londona, Wena, Rima garanda ilaty 2 esse köp bolupdyr. Gamburga we Berline garanda köp esse köp adam ýaşapdyr.

Ilatynyň **Wenesiýa** şäherinde XV asyrda 200 müň adam ýaşapdyr. Uly deňiz floty, öşen senagaty, gämi gurluşygy, öýe gerekli harytlary öndürmek, kitap çap etmeklik ýola goylupdyr.

**Florensiýa** **(** 100 müň adamly) Arno derýasynyň jülgesinde ýerleşip- Ýewropada iň iri ýüň matalary önüýän fabrikalar sowda-maliýa işleri ösen ýer bolan. Bu şäherde ylym we alymlaryň ýygnanan ýeri bolanlygy sebäpli “Ýewropanyň Afinysy” diýip atlandyrryldyr.

**Wenesiýadan** soň ikinji sowda merkezi **Genuýa** şäheri hasaplanypdyr. Onuň Ýewropanyň köp säherlerinde daýnç nokatlary; meselen Krymda Genuez galasy, Moskwada genuez satyjylarynyň kwartaly-bolupdyr.

**Milam** (100 müň adama golaý) ýarag öndürmekde, ýupek we ýüň mata öndürýan merkez hasaplanypdye.

Orta ýerdeňiz şäherleriniň ulularynyň biri **Neapol,** patysalygyň paýtagty hasaplanypdyr.

**Rim** säher Ähliumumy Ýewropa ähmiýeti sebäbi katolik buthananyň merkezi hasaplanan. Bulardan başga-da

Ýewropa senagat-sowda merkezleri Kýoln, Gamburg,Lýubek, Nýunberg we beýlekiler 20-25 müň adamy säherler bolan.

XIII-XV asyrlarda Italiýa sungat güýçli ösýär. Dünýä belli hudožniklerden Mikelanjelo Rafael, Leonardo da Winçi Tisian Žordane we başgalaryň döreden eserleri biziň günlerimize çenli öz ähmiýetini ýitirenoklar.

1453-nji ýylda Konstantinopoly türkler basyp alandan soň Italýan şäherleriniň gündogar döwletler bilen bolan söwda aragatnaşygy ýapylýar. Ýewropalylar üçin täze ýol Atlantik umman arkaly Afrikanyň günbatary we Amerika ýol açylýar.

Benesiýa aýratyn patyşalyk hökmünde 1797-nji ýyla çenli Saklanýar. Şol ýyl ony Napollon goşunlary eýeleýär. 1000 ýyllap ýaşan döwlet fransiýanyň eline geçýär.

Bu şäher 119 adamyň üstünde ýerleşip ony 160 sany kanal böleklere bolýar. Olar 369 sany köpri bilen birleşýär. Onuň 4 km uzynlygy we 3 km ini bar.

Häzirki zamanWenesiýa her 10 ýylda 1 Samwel aşak çökýär. Senagat ösen, ekologik ýagdažýy ýaramaz.

**3.Gündogaryň orta asyr şäherleri.**

Biziň eýýämimiziň VII-VIII asyrlarynda araplar. Orta Aziýany Ispaniýa çenli eýeleýärler. 711-nji ýylda araplar

Gibraltar bogazyndan geçip Ispaniýany weFransiýanyň günorta bölegini basyp alýarlar. 732-nji ýylda Puatýe Luara derýanyň goşandy boýunda Karl Martello tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Şondan soň olar Demirgazyk Ýewropa aralaşyp bilmeýärler Gündogarda araplara Orta Aziýada uly garşylyk görkezýärler.

705-715-nji ýyllarda arap serkerdesi Kuteýba ibn Muslim 100 müň adam ýesir äkidýär. 728-737-nji ýyllarda Sagdianada bolan gozgalaňlar basylyp ýatyrylýar.

Arap halifaty 705-nji ýylda uly döwlet emele getirip, omeýadlaryň paýtagtyny Damask şähere geçirýärler.

742-nji ýylda Abu Muslim Merw oazisinde gozgalaň turuzyp, 3 ýyllyk söweş esasynda Abbasidleriň süňňürler dinastiýasynyň hakimet basyna gelmegine sebäp bolýar. Abu Muslimiň hereketi arkaly halifata hökümet başyna abbasidler geçip 750-1258-nji ýyllara çenli döwleti dolandyrýarlar. 762-nji ýylda paýtagty Bagdada geçirýärler. 945-nji ýylda uly halifat dargap, Ýegipet (Siriýa bilen), Palestina bilen, Marokko, Tunis, Alžir, Eýran we Orta Aziýada birnäçe döwletler döreýärler.

Şol döwürde arap medeniýeti we ylmy ösmäge başlaýar. Şäherleri ösdürmeklige uly üns berilýär. Araplar şol döwürlerde

Kafu, Basra, Mogul, Bagdad (VIII asyr), Kaýruan, Fes (IX asyr), Kair, Alžir (X asyr), Marrakes (Xi asyr), Rabat (XII asyr) we beýleki şäherleri döredipdirler.

Orta asyrlarda arap döwletleriň merkezleri Ispaniýada Kordowa, Granada, Damask (Siriýada), Bagdad şäherleri bolupdyr.

Araplaryň Ispaniýada uly merkezi Gwadalkwiwiriň boýunda Kordowa (500 müň adamly) we Granada şäherleri tapawutlnypdyr. Bu şäherlerde belli ýadygärlikler bar. Ispaniýada araplar 500 ýyl, günortasynda 700 ýyllap höküm sürüpdirler.

Abbasidler döwründe araplaryň paýtagty Bagdada geçirilýär. XIII asyrda mongollar gelmänkä bagdadda 2 mln-n köpräk adam ýaşan. Ol arap ylmynyň merkezi bolan.

Abbasidler dinastiýasynyň 2-nji halifaty Abu Zafaral Mansur paýtagt boljak ýeri anyklamak üçin köp syýahat edip, ahyrynda Bagdady saýlap alýar.

Orta Aziýada şäherleriň döremegine araplaryň täsiri güýçli bolupdyr. Araplar gelmänkä Samarkand uly şäher bolan. Ol Hytaý, Hindistana, Günbatar Ýewropa Günbatar Aziýa gidýän ýollaryň ugrunda ýerleşen. W.W. Bartoldyň ýazmagyna görä Hytaýdan Huanhe derýasynyň jülgesinden Gobi çölüniň

fergananyň, Sagdiananyň üsti bilen Merwa, Girkaniýa, Mesopotamiýa, gündogar Ortaýerdeňiz kenarlaryna we günbatar Ýewropa barýan “Ýüpek ýoluň” ugrunda ýerleşen şäher bolupdyr.

XIII asyrda Samarkand, Orta Aziýa, Russiýa mongol zulmuna sezewar bolýarlar. Şol döwürde Köneürgenç hem teptekiz edilýär.

1258-nji ýylda Bagdad şaheri mongollar ýakýarlar we ýykýarlar.

XIV asyrda Timur (Tamerlan, Timurleng, Timur-agsak) türkleşen mongolyň barlas taýpasyndan Orta Aziýany basyp alýar. Soňra Eýrana, Kawkazaňyrsyna, Hindistana, Türkiýä, Gyzyl Orda hüjüm edýär. Timur döwründe Samarkandda Şahi-Zinda mawzoleýi, Bibi-Hanum metjidi, Tur-emir (Timuryň jaýlanan ýeri), Registan meýdançasy gurlup başlanýar we 3 sany medrese bolup XVII asyrda gutarýar. XV-asyrda Alyşir Nowaýy Samarkandy “Jennet şäher” diýip atlandyrýar.

1500-nji ýylda Samarkand Şeýbanyhan tarapyndan basylyp alnyp, özbekleriň Seýbaniler dinastiýasyny emele getirýär. Paýtagt Buhara şäherine geçilýar. Şäherde owadan ymaratlar köp. Kalýan minarasy we metjigi, töweregi 300 sany gummez (kirowa) Miri-Arab, Kukaldas medreseleri bar.

Orta asyryň gadymy şäherleriniň biri **Hywa.**

**Hindistanda** we **Hytaýda** asyrlar dünde köp şäherler urus zerurly ýykylyp täzeden dikeldilýär, Deli-Deli soltanatlygyň merkezi (XIII-XIV asyrlar), Agra-Mogollar imperiýasynyň paýtagty (XVI-XVIII asyrlar), Potaliputra (Patna-Maurlaryň we gunbaryň paýtagty bolan birnaçe gezek uruslarda weýran edilýar. Agra şäherinde Taç-Mahal mowzoleýi ( 1632-1654 ý gurulýar). Durli dini ybadathanalar Madurada we Hindistanyň beýleki şäherlerinde gurulýar. Soňra Hindileriň arhitektura gurluşygy Hindi-Hytaý ýarym adasyna hem ýaýraýar.

XVII-asyrda Ahmetabad şäherde-600-900 müň Agrada XVI asyryň ahyrynda 600-700 müň adam ýaşap "Ýewropa syýahatçylarynyň pikirlerini görä Londondan uly, köp ilatly bölüpdyrlar. Agra, Ahmedabad şäherleriň ilaty Pň ilatyna deňräk bolupdyr. Lahorda XVI-XVIII asyrlarda dünýä, boýunça iň köp ilat ýaşapdyr diýip ýazýarlar.

Şäherler bolýan uruşlar zerarly yzygider weýran edilipdir. Günorta Hindistanyň paýtagt şäherleriniň biri **Wijaýanagar,** ol hakynda XVII asyrda italýahatçysy şeýle ýazypdyr. "Ol edil" **Rim** ýaly uly we diýseň owadan şäher

diýip ýazypdyr. Emma 1565-nji ýylda gonşy döwletleriň çözmagy bilen doly weýran edilipdir.

**Jawahanlar Neruwyň** ýazmagyna görä Wijaýanagar şäheri öz döwründe meşgur we güllap ösen hem bolsa bir günuň içinde basylyp alnyp, talanan we harabalylyga öwrülen. Ol Deli hakda şeýle belleýär: Saltan **Muhammet bin** Tuglak (1351-nji ýylda olen) özüniň paýtagr şäherini, ony tankyt edenleri üçin, ýok etmek işläpdir. Paýtagty **Hýdarabada** göçüripdir.

Delide ýaşan, 100 müňlerçe adamlar onuň buýrugy boýunça 3 günüň içinde şäherden çykyp gitmeli edilipdir. Soňra 2 ýyl geçenden soň Deli şähere gelip görse şäher boşan galan ekeni. Ony ugradyjy **Ibn-Batuta** (geograf, mürze) şeýle ýazypdyr: “Bu dünýäniň iň oňat şäherleriniň biridi.Haçanda biz bu ýere gelenimizde onuň boşap golanyny gördük.Alajyny tapmadyk adamlaryň galyp ýaşap oturanyny gördük diýip belläpdir.

Hytaýda orta asyrlarda uly şäherlerden **Çanan-Tan** imperiýasynyň paýtagty (VII-X asyrlarda), **Banlýan** (häzir Kaýfyn) we Hançjou- Demirgazyk Sun dinastiýasynyň paýtagty (X-XI asyrlar) we Günorta Sun (XII-XIII asyrlar),

**Çanan** şäherlerinde şol ýyllarynda 2 mln adam ýaşadyr. Dünýaniň iň uly şäherleriniň biri bolupdyr.

**Anlýanda** 1,5 mln adam ýasan/

Mongol dinastiýasy döwründe (Ýuan-XIII-XIV asyrlar), soňra Min dinastiýasy zamanynda (XIV-XVII asyrlar we Sin (XVII-1911 ý.) döwrnde Hytaýýň paýtagty Pekin şäheri ( 1263 ý.) biziň eýýamimizden oň 2 müň ýylykda emele gelen. Ol ýerde arhitektura ýadygarlikleriň arasynda Purpur (Çagadan edilen) şäheri imperator köşgi, ybadathanalar, seýilgähler, ýadygärlikler bilen tapawutlanýar.

## XIII. Täze eýýämiň şäherleri.

Tăze eýýam diýip feodolizm jemgyýetçilik gurluşyň has ösen durmuş-ykdysady formasiýa kapitolizm döwrüne aýdsylýar. Bu döwürlerde şăherleriň gurluşynda tăze eýýam başlanýar. Urbanizasiýanyň tăze döwründe öndüriji güýçler öňküsinden has ösüp tăze zawodlar, fabrikler, senagat taýdan has ösen şăherler emele gelýărler.

XVI-XVIII asyrlarda Ýewropada 3 sany buržuaz rewolýusiýalary: Gollandiýa (1566-1609), iňlis (1640-1660),

fransuz (1789-1792) bolup geçdi. bu ewolýusiýalar beýik geografiki açyşlar bilen baglanyşykly bolup Ýewropa döwletleriniň durmuşynda, ykdysadyýetinde, syýasy gurluşynda uly özgermeler bolup geçdi. Bu bolup geçen özgermeler şäheriň ykbalyna güýçli täsir etdiler.

**1. Portugaliýanyň we spaniýanyň şäherleri – Lissabon, Sewilýa, Madrid**

XVI asyryň birinji ýarymynda Portugaliýa soňra Ispaniýa Ýewropanyň iň kuwwatly döwletlerine öwrülýärler. Olaryň dünýaniň syýasy kartasynda basyp alan döwletleri, koloniçäksiz köp bolupdyr. Ispan kolonizatorlary yzyna gaýdyp gelenlerinde gämilerinde altyn, kümüş getirer ekenler. XVI asyryň başynda 80% dünýäde gazylyp alnan gymmat bahalay metallar ispan koloniýalarynda öndürilipdir. Ispan koroly Karl V, onuň bilen birlikde rim imperatory bütin ýewropa imperiýasy hakda arzuw edipdirler.

Lissabon – XV asyryň başynda kiçi paýtagt şäher bolan. Emma Portugallaryň Afrikada, Aziýada, Latyn Amerikada XV asyryň aýagynda, XVI asyryň başlarynda köp kolonial ýerleri basyp alandan soň bu döwlet Ýewropanyň iň baý döwlerleriniň biri bolýar. Lissabon bolsa yewropanyň uly paýtagt şäherleriniň birine öwrülýär. XIX asyryň başynda Lissabon Ýewropanyň has uly şäherleriniň biri bolup galýar.

Atlantik ummandan 87 km uzaklykda Gwadalkwiwaz derýasynyň ýerleşen Siwilýa şäheri, eýýam XVI asyryň başynda söwda dolanşygy boça Ýewropanyň has uly port şäherlerinden öňe geçýär.

1504-1650-nji ýyllarda bu ýerden 18 müň ýük gämileri ugrapdyr. Şonuň bilen birlikde H. Kolumbyň 1-nji ekspedisiýasy şu ýerden başlaýar. Sewilýada Söwda palatasy bolup ispan patyşlary bu şähere koloniýlar bilen söwda etmekligi ynanypdyrlar. Söwda palatasy Amerikadaky we Aziýadaky koloniýalar bilen ykdysady meseleleri çözüpdir. 1530-njy ýylda onuň ilaty 45 müň bolanlygyndan XVII asyryň ahyrynda 300 müňe golaýlapdyr. Ispan döwletiniň paýtagty Toledo (1085-nji ýyldan Kastiliýanyň we Leonanyň paýtagty, 1479-njy ýyldan Birleşen Ispaniýanyň paýtagty bolup Taho derýasynyň beýik sag kenarynda ýerleşipdir). Filipp II patyşalyk eden döwründe 1561-nji ýylda paýtagt Madride geçirilýär. Şol wagtlar Madritde 20 müňe golaý ilat ýaşapdyr. Şäher haýal ösüp 1800-nji ýylda 175 müňe golaý ilat bolupdyr.

Ispaniýa getirilýän uly baýlyklar onuň hojalygyny ösdürmäge kömek etmändir. Amerikadan köp gyzyl gelen hem bolsa Ispaniýa garyp düşýär. Marus we Engels Ispaniýanyň garyp düşmeginiň sebäbini irrigasion ulgamlaryň weýran bolmagy oba hojalygyň yza galmagy, senagatyň we söwdanyň

ösmändigi bilen düşündirýärler. Döwlete altyn, kümüş getirilsede olary köşgi saklamaklyga, täze köşkleri gurmaklyga harçlanlyklary bilen düşündirilýär. Ispan imperiýasynyň dargamagy (1588), 1579-1581-nji ýyllarda Dg. Niderlandiýany ýitirmegi, imperiýany dikeltmek üçin täze geçirilen uruş (1701-1714), Go. Niderlandlary (häzirki Belgiýa) we Go. Italiýany (Neapolitan patyşalygy) elden gidirmegi – onuň Ýewropada ähmiýetiniň gaçmagyna getirdi.

Gurlan şäherleri arhitektura ýadygärliklere baý.

2. XVI-XVIII asyrlar Ýewropanyň niderland çatrygy. XVI-XX asyryň başlarynda Niderlandlaryň we Belgiýanyň şäherleri.

XVI asyrdan bäri Ýewropanyň iň gür ilatly ýeri Gollandiýa hasaplanýar. Meýdan-çägi kiçi hem bolsa bu ýerde 300 sany şäher ýerleşen, ilaty 3 mln-n gowrak. Niderlandlar deňiz kenarýaka raýyşlar galdyryp ýaşaýarlar.

Amstal derýasynda gurlan bent- Amsterdam, Rotte derýasynda gurlan bent- Rotterdam. Döwletiň dg – da maldarçylyk, balykçylyk (Amsterdam selýodakanyň üstünde gurlan diýip şu wagta çenli aýdylýar); Go – "Ýewropanyň ussahanasy" – diýlip ýüň mata senagaty, kružewa, metalda önüm ýasamak Brýussel, Gent, Antberpen, Lýoj we beýleki şäherlerde ösüpdir. Bu şaherler Reýn, Maas, Şeldi derýalaryň guýýan ýerlerinde ýerleşip Ýewropanyň söwda çatrygynda

Ortaýer deňzinden, Baltika deňzinden we gury ýer boça gelýän ýollaryň çatrygynda ýerleşýärler. Niderland şäherleri uzak wagtlap ýerli feodallaryň hökümdarlygyndan, goňşy döwletleriň çozuşlaryndan saplanyp bilmändirler. lden-ele geçipdirler. XV asyrda Niderlandlar – Burgund gersoglygynyň bölegi, XVI asyryň başyndan Ispaniýanyň patyşasy we Germaniýanyň imperatory Karl V, bu imperiýa dargandan soň Ispaniýanyň gol astynda bolýarlar. 1566-njy ýylda Gollandiýada gozgalaň bolup, 1605-nji ýylda Ispaniýa dg Prowinsiýalary bilen şertnama baglanşmaga mejbur bolýar. 1648-nji ýylda Bestfal ýaraşygy esasynda Gollandiýa özbaşdaklygyny gazanýar. Niderlandlaryň go bölegi ýene-de 200 ýyllap Ispaniýanyň gol astynda bolýar. XVIII asyryň başyna çenli Ispaniýanyň gol astynda bolup, 1701-1714-nji ýyllaryň dowamynda bolan ispan mirasdarlygy uruş esasynda Awstriýa Gabsburga, XVIII asyryň aýagyndan XIX asyryň başynda – Fransiýa (1795-1815) 1815-nji ýylda Wena kongresinden soň – Gollandiýa, soňra 1830-njy ýylda bolan rewolýusiýadan soň garaşsyzlygyny alyp Belgiýa döwleti emele gelýär. Rimliler basyp alanda şol ýerde belgler diýen taýpa ýaşan ekeni.

Gysga wagtyň içinde Gollandiýa dünýäniň deňiz ýurduna öwrülýär. 1670-nji ýylda onuň deňiz tonnajy

Angliýanyňkydan, Ispaniýanyňkydan, Portugaliýanyňkydan, germaniňkydan we Italiýanyňkydan hemmesini bilelikde alanyňda ýokary bolýar. Amsterdam, Zandam we beýleki golland portlary dünýäniň gämi gurluşyk merkezlerine öwrülýärler. XVII asyrda Londana gelip giden gämileriýarysy, iňlis flotynyň gämileriniň ¼ Gollandiýanyň gämi gurýan werflerinde (zawodlarynda) ýasalan. Öz wagtynda Pýotr I hem gämi gurmaklyga öwwnmwk üçin Gollandiýada okapdyr. Gollandiýanyň söwda gämileri Ispaniýanyň we Portugaliýanyň deňizaňyrsy mülklerine aralaşaýar. Olar Portugaliýanyň Hindistandaky söwdasyny eýeleýärler. Molluk adalaryny koloniýa öwürăýler. West-Indiýada Afrikanyň günortasynda özlerine koloniýa edinýärler. Manhetten adasyny eýeläp Täze Amsterdam (geljekki Nýu-Ýork) we töweregini öz içine alyp “Täze Niderlandlar” diýip atlandyrýarlar.

## XIV.Häzirki zaman geourbanizasiỳanyñ esasy düşünjeleri, aỳratynlyklary we öñünde durỳan meseleleri.

Urbanizasiỳa meselesi – dünỳäniñ köp adamlarynyñ ünsüni özüne çekỳär. BMG-nyñ Ekologiỳa we Sosiologiỳa bileleşigi bu mesele ỳer ỳüzünde parahatçylygy saklamak meselesinden soñra ikinji bolup durỳar diỳip belleỳär.

“Adamzat dogrudan hem şähere gelip utuldymy, zyỳan çekdimi” diỳip grek şäher öwrenijisi K.Doksiadis belleỳär.

Arhitektorlar, geograflar, ykdysatçylar,, sosiologlar, demograflar we dürli ylymlaryñ wekilleri şäherleri öwrenmeklige uly üns berỳärler.

Şäher diỳen adalga döwletlerde dürli hili düşünỳärler. Meselem: Daniỳada ilatly mesgeniñ adam sany 250-den geçse şäher diỳilỳär. Ÿaponiỳada – 30 müñ adam, öñki SSSR döwletlerinde 5-12 müñ töweregi ilaty bolup, onuñ işe ukyply adamlarynyñ 75% oba hojalyk däl işlerde işleỳän bolsa şäher diỳilỳär.

Urbanizasiỳa düşünjesi birmeñzeş bolman örän çylşyrymly. XX-asyry “urbanizasiỳa rewolỳusiỳasynyñ” amala aşyrylan asyry diỳip aỳdỳarlar.

Urbanizasiỳa – bu köptaraply bütindünỳä durmuş – ykdysady hadysa, ylmy – tehniki ösüş döwründe öndüruji güỳçleriñ bir ỳere jemlenen ilatyñ şäher durmuşy şertlerinde ỳaşamagyna aỳdylỳar.

**Dünỳäniñ şäher ilatynyñ ösüşi.**

| Ýyllar | Şäherlerde ilatyň sany, mln adam | | Dünýäniň ähli ilatynda şäherleriň paýy, % | Uly şäherleriň ilatynyň paýy (100müň adamdan ýokary) | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 5müň adam dan köp | 100müňad amdan köp | 5müň adamdan köp | 100müň adamda n köp | |
| 1800 | 27,2 | 15,6 | 3 | 1,7 | 56,3 |
| 1850 | 74,9 | 27,5 | 6 | 2,3 | 38,3 |
| 1900 | 218,1 | 88,6 | 13,6 | 5,5 | 40,3 |
| 1950 | 716,7 | 313,7 | 29,3 | 13,1 | 43,6 |
| 1970 | 1354, 3 | 690 | 37,3 | 19 | 51 |
| 2000 (çakl.) | 3200 | - | 50 | 39 | 70 |

2000-nji ýylda: Ýewropa – 79%

Awstraliýa, Ummanystan – 81%

G.d. Aziýa – 50%

G.o. Aziýa – 39%

Afrika – 40%

1900 – njy ýylda Ýer ýüzünde 10 şäher – milioner

1975 – nji ýylda Ýer ýüzünde 175 şäher – millioner

2000 – nji ýylda Ýer ýüzünde 175 şäher – millioner

Bu şäherlerde Ýeriň 25% ilaty ýaşaýar.

**Dünỳäniñ iñ uly megapolisleri.**

| Atlar | Aglomerasiỳalarynyñ sany | Ilaty, mln adam | Meỳdany, müñ km$^2$ | Ilatyñ gürlügi km$^2$/adam | Şäher okunyñ uzynlygy, km |
|---|---|---|---|---|---|
| Boswas (Boston, Waşyngton) | 40 | 45 | 100 | 450 | 800 |
| Çippits (Çikago - Pittsburg) | 35 | 35 | 160 | 220 | 900 |
| San-San (San-Diỳego-San - Fransisko) | 15 | 18 | 100 | 180 | 800 |
| Tokaỳdo (Tokio - Osaka) | 20 | 55 | 70 | 800 | 700 |
| Angliỳa (London - Liwerpul) | 30 | 30 | 60 | 500 | 500 |

1900-njy ỳylda ilaty 10 mln-dan geçỳän şäher ỳokdy. Häzir olar 17 sany. BMG berỳän bahasyna görä: 1985-nji ỳylda 10mln-dan köp adamly şäherler:

Tokio – 25,2 mln adam

Nỳu-Ỳork – 18,8 mln adam

Mehiko – 17,9 mln adam

San-Paulo – 16,8 mln adam

Şanhaỳ - 14,3 mln adam

Los-Anjeles – 13,7 mln adam

Kalkutta – 12,1 mln adam

Bombeỳ - 12,1 mln adam

Pekin – 12 mln adam

Osaka – 11,8 mln adam

Buenos-Aỳres – 11,7 mln adam

Kair – 10,0 mln adam

Günbatar döwletlerde adamyñ ỳerleşişiniñ ösüşini, taglymat esaslaryny öwrenỳän urbanizasiỳanyñ şahasyna Ekistika diỳilỳär. Ony grek şäher öwrenijisi K.Doksiadis işläp düzüpdir.

Afiny ekistika merkeziniñ hasaplamasyna görä häzirki wagtda 66 sany megapolis emele gelỳär. Şolaryñ 43 sanysy emele gelen, 23 sanysy hem döreỳär. Olarda 1,4 mlrd adam jemlenen. Olaryñ çaklamasyna görä 2000-nji ỳylda olaryñ

sany 160-a ỳeter we olarda Ỳer ỳüzüniñ 45-50% ilaty ỳaşaỳar.

1. Şäherleriñ çäk meselesi.

Köp ilatly şäherleriñ we aglomelasiỳalaryñ meỳdanynyñ giñelmegi bu ugurdan işleỳän hünärmenleri biynjalyk edỳär. Uly şäherleriñ ỳetmezçilik taraplaryny köp adamlar, esasan hem olarda ỳaşaỳanlar bilỳärler: olardan – birinji – ulag meselesi; ikinjiden – injener desgalaryñ gymmatlamagy; daşky gurşawyñ hapalygy; uly şäherleriñ ỳaşaỳjylarynyñ tebigatdan daşlaşmagy we psiho-fiziologik netijeleri entek doly öwrenilenok. Bulardan başga-da uly şäherler kiçi we orta şäherleriñ öndüriji güỳçlerini özlerine çekỳärler. Fransiỳanyñ şäher gurluşyk we geografiki edebiỳatlarynda "fransuz çöli" (французкая пустыня) diỳen adalga emele gelipdir. Beỳle diỳilmegi döwletiñ ähli ỳaşaỳyş güỳçleri Pariž aglomerasiỳasyna gönükdirilen. Onuñ prowinsiỳalaryndaky kiçi we orta şäherleriñ ỳagdaỳy agyrlaşỳar, peselỳär. Hökümet ỳolbaşçylary, alymlar, şäher guryjylar uly şäherleriñ ösmezligi üçin göreşỳärler. Emma köp sanly ilatyñ bir ỳere jemlenmegi kä ỳagdaỳlarda ykdysadyỳetiñ, ylmyñ, intelektual mümkinçilikleriñ bir ỳere jemlenmegi uly şäherleriñ ösmegine getirỳär. Öndüriji güỳçleriñ çalt ösmegine sebäp bolỳar. Olar ỳaly şäherlerde ykdysadyỳetiñ bir ỳere

jemlenmegi; ylmyñ ösmegi, okuw jaỳlaryñ bolmagyna, guramaçylyk, ỳolbaşçylyk we bölüşdiriji funksiỳalaryñ emele gelmegine sebäp bolỳarlar. Uly şähjerlerde ilata durmuş hyzmatlarynyñ gowy berjaỳ edilỳändigi sebäpli hem ilatyñ bir ỳere jemlenmegi bolup geçỳär. Şäherlerde ilat köpelende ylmy edaralar, köp sanly okuw jaỳlar gurulỳar. Muña mysal edip Aşgabatdy alaỳalyñ! Eỳỳam bu şäherde 800 müñe golaỳ adam ỳaşaỳar.

Uly şäherleriñ öñünde döreỳän meselelerden esasylary ulag we ekologiki problemelar. Olary nähili çözmeli? Taryhy maglumatlara görä uly şäherlerde ulag, gykylyk (şum), arassaçylyk, ekologik meseleler gadym zamanlardan bäri ỳüze çykypdyr. Ÿuliỳ Sezar öz wagtynda Rimde (b.e. öñ 102 – 15.3.44 ỳaşap geçen) ol 49 – 44-nji ỳyllarda patyşa bolup Rimi respublika görnüşinde dolandyran adam. 44-nji ỳylda senatyñ ỳygnagy gidỳän wagtynda öldürilipdir. Ol güỳçli we akylly serkerde, ỳazyjy bolan. Onuñ harby tärleri 49-njy ỳyldan XIX asyra çenli öwrenilen. Onuñ söweş tärlerini öz wagtynda A.W. Suworow we Napoleon hem öwrenen. Ol Senatda köçelerde arabalaryñ belli bir görkezilen wagtlarda hereket etmegi hakda buỳruk çykarypdyr. Ÿazyjy şorta sözli (сатирик) Desim Ÿuliỳ Ÿuwenal biziñ eỳỳamymyzyñ II asyrynda ỳazan belliklerinde Rimde gündiz we gije hem ỳatyp bolanok diỳip belläpdir.

Fransuz şahyry Nikola Bualo XVIII asyryñ ahyrynda Pariž hakda “Parižde puluñ köp bolmasa ỳatyp bolmaỳar” diỳip ỳazypdyr. Öz wagtynda A.S.Puşkin Peterburg hakda “Bu şäherde gykylyk, tozan, karetalaryñ aỳak sesi” diỳip belläpdir.

Gadymy Ÿegipetde mumiyalanyp jaỳlanan adamlary paleomedisina barlaglary geçirilende olaryñ öỳkenlerinde çägeleriñ owunjak galyndylary we ỳag bilen işlän çyralaryñ tüssesi tapylypdyr. Bu ỳagdaỳ mundan 3300 ỳyl öñ bolan, bolup geçen hadysalar.

Patyşa Ÿelizaweta wagtynda Londonda jaỳlary kömür ỳakyp gyzdyrmagy gadagan edipdir. Düzgüni bozanlaryñ biri dardan asylypdyr.

Edebiyat:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan - sagdynlygyñ we ruhybelentligiñ ýurdy. Aşgabat, 2007.

3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. Aşgabat 2008.

5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiñ täze belentliklerine tarap. Aşgabat 2008.

6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi - biziñ buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat 2008.

7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Täze Galkynyş eýýamy. Aşgabat 2008.

8. “Türkmenistanyñ ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiñ 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli Maksatnamasy. Aşgabat 2003.

9. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyñ Ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat 2007.

10. Çaryýew.B , Hudaýýarow.M , Çerkezowa.A Dünýä sebitleriniñ, ýurtlarynyñ ilaty we durmuş-ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004

11. Абрамов Максим Абрамович. География сервиса. М.,"Мысль",1985,255с.

12 Анохин Анатолий Александрович. Региональные проблемы социального развития.Л.,Изд.ЛГУ,1986,133 с.

13 Майергойз Исаак Моисеевич.Географическое учение о городах.М.,"Наука",1987,с 117.

14 Перцик Евгений Наумович. География городов (геоурбанистика).М.,Высшая школа,1991,319 с.

15 Лаппо Георгий Михайлович. Города на пути в будущее. М.,"Мысль",1987,236 с.

16 Семевский Б.Н.ВВедение в экономическую географию.Л., ЛГУ.1976.

# M A Z M U N Y

I. Durmuş geografiýasy we geourbanistika dersiniň maksatlary we wezipeler.....................................................................7
II. Durmuş geografiýasy we geourbanistika barada ylmy garaýyşlaryň ösüşi..............................................................9
III. Durmuş geografiýanyň we geourbanistikanyň önümçilige ilaty ýerleşdirmäge edyan täsiri............................................12
IV.Hyzmat ediş kärhanalaryň ösūş kanunalaýyklygy..................................................................13
V. Ilata hyzmat ediş kärhanalaryň ýerleşdiriş aýratynlyklary.....................................................................16
VI. Ilata hyzmat ediş kärhanalary sebitara hojalyk ulgamyny döredijilik.........................................................................19
VII. Şäher bilen obanyň aratapawudyny ýok etmekde durmuş hyzmatynyň edyän täsiri.....................................................22
VIII.Ykdysady we durmuş sebitde ilata hyzmat ediş gullugyň ösüşini maksada laýyk guramak.........................................24
IX. Ilatyň bilim derejesini ýokarlandyrmak, saglygyny we rahatlygyny goramak üçin geçirilýän çäreleri gowulandyrmak..................................................................25
X.Geourbanistikanyň öwrenilişiniň gysgaça taryhy............29
XI. Şäherleriň ösüşiniň esasy taryhy döwürleri...................32

XII.Gul eýeçilik we feodalizm döwrüniň säherleri...........42

XIII. Täze eýýämiň şäherleri............................................62

XIV.Häzirki zaman geourbanizasiỳanyñ esasy düşünjeleri,
aỳratynlyklary we öñünde durỳan meseleleri....................67